# ÖWRENILÝÄN DILIŇ ÝURDUNYŇ TARYHY (EÝRANYŇ TARYHY)

Aşgabat –2010

**© Nury Gajarow. Öwrenilýän diliň ýurdunyň taryhy (Eýranyň taryhy).** Ýokary okuw mekdepleriniň pars dili hünäriniň talyplary üçin okuw gollanmasy.

**Arheologiýa we Etnologiýa kafedrasynyň uly mugallymy, t.y.k S. Ataýewiň ylmy redaksiýasy bilen**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**© Nury Gajarow**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

# Giriş

Eýran we Türkmenistan uzak taryhy döwrüň dowamynda biri-birine dul-degiş goňşulykda ýaşamak bilen hemişe özara ykdysady we medeni gatnaşykda bolup geldiler. Iki ýurduň bilelikdäki tejribesi netijesinde dünýä siwilizasiýasyna uly goşant goşuldy.

Garaşsyz Türkmenistan döwleti bilen Eýran yslam respublikasynyň arasynda dostlukly gatnaşyklaryň ýola goýulmagy bilen barabar häzirki wagtda biziň ýurdumyzyň ýaşlarynyň arasynda eýran dilini, taryhyny we medeniýetini öwrenmeklige uly höwes döreýär.

Mälim bolşy ýaly ýurduň şu günki ýagdaýyny gowy bilmek üçin, onuň içinde bolup geçýän durmuşy, ykdysady, syýasy we medeni hadyslar hemmetaraplaýyn düşünmek üçin onuň geçmiş taryhyny bilmekligiň uly ähmiýeti bardyr.

Eýranyň uzyn we baý trayhyny talyplara gysgaça görnüşde we yzygiderli beýan etmek maksady bilen biz umumy we amaly dersleri aýry- aýry döwürlere bölup beýan etmegi maksada laýyk bildik.

Eýran taryhynyň aýry- aýry döwürleri hökmünde gadymy döwri, eýran topraklarynyň halifatyň düzümine birikdirilmegi bilen baglanşykly ösen ýer eýeçilik gatnaşyklarynyň berkarar bolan döwrüni, mongol basypalyşlaryndan soň emele gelen dagynyklyk döwrüni, XVI-XVIII asyrlarda merkezi döwletiň güýçlenmeginden soň başlanan täzeden pese gaçyş döwrüni daşary ýurt maýadarlarynyň Eýrana aralaşan

we ýurduň ýarym bakna, ýagdaýyna düşen döwrüni, Pehlewi hökümdarynyň höküm süren döwrüni, 1978-1979-njy ýyllaryň rewolýusiýasy we Eýran Yslam respublikasynyň jar edilmegi mynasybetli ahyrky döwrüni belä geçmek bolar.

Okuw sapaklarynyň dowamynda talyplar degişli ylmy eserler we çeşmeler bilen tanyşarlar, maddy we mirasa degişli meseleler bilen tanyşarlar maddy we medeni mirasa degişli meseleler bilen çykyş ederler.

Gadymy Eýran çeşmeleri we taryhnamasy. Gadymy Eýranyň taryhy ýazuw çeşmelerine baýdyr. Olaryň arasynda hojalyk ýazgylary taryhy ýazgylar, patyşalaryň permanlary, döwlet gullukçylarynyň resmi hatlary, şahsy hatlar, dini we ruhy teswirnamalar, edebi eserler we başgalar bar. Olardan has irkileri m.öň III-I müňýyllyklary öz içine alýan Elam taryhyna degişli çeşmelerdir.

Häzirki wagtda çenli gadymy pers dilinde düzülen iki ýüze golaý patyşa Klinopis ýazgylary öwrenilip çap edildi. Olaryň içinde iň görnüklisi Kambiziň we Dariý I döwrüniň has galagoply wakalaryndan habar berýän Behistan ýazgylarydyr. Olaryň arasynda Persopolyň golaýyndaky Nakşi-Rustam gaýasynyň ýüzüne Dariý I tarapyndan ýazdyrylan hatyň ähmiýeti aýratyn uludyr. Dariý I Suzi şäherinde gurduran köşgi hakynda habar berýän ýazgylarylary hem belläp geçmek gerek. 1972-nji ýylda arnedaglary Suzi şäheriniň harabasynda Dariý I 3 metrlik heýkelini tapdylar. Persopol şäheriniň

harabasyndan Ksereksiň ýazgylary tapyldy. Ahemeni döwrüniň ýazgylary Eýranyň çäklerinden daşarda hem mysal üçn müsürde ýüze çykaryldy.
Gadymy Eýranlylaryň dünýä düşünişlerini öwrenmek üçin zoroastra dininiň keramatly kitaby hasaplanýan “Awestanyň” ähmiýeti uludyr.Bu ýygyndy ilki başda 21 kitapdan ybarat bolup onda gadymy eýranlylaryň hyýaly we dini garaýyşlary beýan edilýär. Emma biziň günlerimize bu ýygyndynyň dine bir bölegi gelip ýetipdir.

Persopolda m.öň. VI-V asyrlara degişli Elam dilindäki bir näçe mün ýazgylar agtarrylyp tapyldy.

M.öň. IX –VII asyrlara degişli Assiriýa ýazgylary hem eyran taýpalary hakyndaky gymmatly maglumatlara baýdyr. (Eýranlylaryň mesopatamiýany basypalyşlar barada)

Papiruslaryň derileriň daşlaryň manatlaryň çekuw daşlarynyň möhürleriň ýüzine arameý dilinde ýazylan hatlar hem Eýran harpyndan habar beryär.

Müsürde hem Ahemeni döwründe ýazylan ýazgylar saklanyp galypdyr. (Ujagorrsent ýazgylary)

Gadymy Eýranyň taryhyny yzygiderli beýan edýän çeşmeleriň biri hem grek (ýunan) taryhçylarynyň eserleridir. Bu işleriň arasynda özüniň aýratyn gymmatlygy bilen tapawutlanýan Gerodotyň “taryh” diýen eseridir. Bu kitapda biz eýranda ýaşan taýpalaryň taryhy. Hojalygy we etnologiýasy hakynda gyzykly maglumatlara duş gelýäris.

Meşhur grek taryhçysy Fukidid “taryh” atly eserinde m. öň. 433-411-nji ýyllarda Eýranyň Sparta we Afinler bilen uruşlary we olaryň aralarynda baglaşylan şertnamalaryň teksti suratlandyrylýar. Bu taryhy wakalaryň dowamyny biz Ksenefondyň “Grek taryhy” diýen eserinde duş gelyäris. Onda eýran medeniýetiniň we taryhynyň köp meseleleri beýan edilýar. Persleriň durmuş – ýaşaýyş şertleri edim-gylymlary urp-adatlary hakynda maglumatlar berilýär.

Diýador Sisiliýskiniň “taryhy kitaplar” diýen eserinde m.öň. V asyrda Eýran taryhynyň möhüm meseleleri boýunça gymmatly maglumatlar duş gelýär.

Ýurtda gecirilen gazuw – agtaryş işleri hem Eýran taryhynyň mezloit we neolit döwri hakynda (Taujedar Tepe-Asiýab we baş galar maglumat berýär. Suz, Tepe-Siýalk we ş.m.) gadymy küýze nagyşlaryna baýdyr. Suzlar Persopol, Dur –Untaş we başgalarda gadymy köşkleriň buthanalaryň haýbatly galalarynyň harabalygynda geçirilen agtaryş işleri netijesinde heýkel köp sanly şekillerini gaýanyň ýüzüne çekilen dürli çyzuwlary metaldan we gymmatbaha daşadan ýasalan şaý-sepleriň we ýaragalaryň ajaýyp nusgalaryny ýüze çykardy.

## Tema: Gadymy Eýran Jahan taryhynda onuň orny we ähmiýeti

Eýran ýeriniň üstüni esasan daglar eýeleyär. Ýurduň demirgazyk bölegni Elbrus dag ulgamy tutýar.

Ondan gündogara türkmen Horasan (Köpetdag) daglary uzalyp gidýär. Demirgazyk- günbatardan, günorta – gündogara Zagros dag gerişeri ýaýlyp ýatyr. Ýurduň merkezinde ägirt uly meýdany ekerançylyk üçin ýaramsyz çöllük eýeleýär. Eýranyň ekin üçin ýaramly ýerleriniň esasy bölegni suwarymly ekerançylyga mätäçdir. Ýurduň suw bilen has gowy üpjün böleg günorta –günbatardaky Huristan welaýatydyr.Bu ýerden Karyn we Kerha derýalary akyp geçýär we ol ýerleriň topragy ekin üçin has ýaramlydyr.

Günbatar Eyranyň gadymy ilaty Elam, Lulubeý, Kuti we Kassif taýpalardan düzülip olar dilleriniň ýakynlygy boýunça Kaspiý toparyna giripdirler. Olardan dne Elam dili hakynda käbir maglumatlar galypdyr. Bu dil öz tebigaty boyunça Hindistan ýarym adasynda ýaşan taýpalaryň diline çalymdaş bolupdyr. Has ep-esli gijiräk döwürde bu ýerlere arylar diýip atlandyrylan hindi-eyran taýpalary ýaýrapdyr. Ýurduň ady hem Ariýanam-"arylaryň ýurdy" diýen sözüň gysgaldylan görnüşi bolup Eýran diýlip atlandyrylyp ugrapdyr. Soňky gelen ilat bilen öň oturan ilat garyşyp eýran dilleriniň dürli lehçelerinde gepläp ugrapdyr.

M.öň. I müňýyllygyň dowamynda Eýranyň ep-esli bölegi we Orta Aziýanyň ilaty eýran dilinde gepläpdirler. M.öň.IV-III asyrlarda midiýalylar, persler we Orta Aziýany öz içine alan gündogar eýran toparlary (Bakriýa, Sogda, Horezm we çarwa sak taýpalary) gadymy eýran diliniň dürli lehçelerinde gürläpdirler.

Eýranyň günorta-günbataryny gadymy wagtlarda Elam diýip atlandyrypdyrlar. Soňra bu ýerde Elam döwleti emele gelipdir. Onuň merkezi (paýtagty) “Suzy” şäheri bolupdyr. Elam Eýranyň beýleki ýerlerinden öňürti ekerançylyk we maldarçylyk hojalygyna geçipdir. Bu ýeriň ön saýlanmagyna bu ýerde mis magdan känleriniň bolmagy itergi beripdir diýip çak edilýär.

M.öň VI müňýyllykda bu ýerde misden iňňebagjyklar we monjuklar taýýarlanypdyr. Küýze gap-gaçlaryň ýüzine dürli nagyşly çyzgylar haywanlaryň suratlary çekilipdir.

Şeýlelikde Karun we Kerha derýalarynyň ýakasynda ýaşaýan ilat başga ýerlerden ýokary saýlanyp başlapdyr. Bu ýerde senetçilik ösüpdir – keramika metaldan guýlup ýasalan paltalar, tegelek möhürler peýda bolupdyr.

Jemgyýet gatlaklara bölünip barlylar serdarlar hökümdaralar öňe saýlanyp ugrapdyrlar, hökümdaralar ýörite gabyrlarda jaýlanypdyr. Welaýatyň düzlik bölegi Suzanna ösen ekerançylyk meýdanyna öwrülipdir. Ol ýerde esasan arpa we miweler ösdürilip ýetişdirilipdir. M.öň. 3 müňinji döwürde potamiýa bilen ysnyşykly söwda aragatnaşyklary ýola goýulýar. Gadymy Eyranda Elamdan başgada Awan, Anşan, Simas we Kimaş döwletleri höküm sürüpdirler.

Elamyň taryhy 2 kiderýa aralygy Mesopatamiýanyň taryhy bilen aýrylmaz baglanşyklydyr. M.öň. XXIV-XXIII asyrlarda Elam

gös- göni Akkad patyşalygyna elgaram ýagdaýda ýerleşipdir.
M.öň. III-II müňýyllyklarynyň dowamynda özboluşly Elam döwlet edarasy kemala gelipdir. Ýokary hökümdar şukkalmah diýen şumar titulyny (unwanyny) göteripdir we Suzi şäherinde oturypdyr. Döwleti onuň dogany (erkek) we orunbasary sukkal dolandyrypdyr. Ýokary hökümdar ölen halatynda onuň ornuny çalşypdyr. Elamyň patyşa maşgalasyna öz uýasyna öýlenmek we dakylma adat bolupdyr. Patyşa ölen halatynda onuň dogany we mirasdary patyşanyň dul aýalyna öýlenmeli bolupdyr we tagty eýelemäge hukuk gazanypdyr. M.öň. XIV asyra çenli Elam derýaralygy hökümdaralaryndan garaşsyz ýagdaýda galypdyr. Emma M.öň XIII asyrda Wawilonlar tarapyndan basylyp alnypdyr.

M.öň. 1115-nji ýylda Wawilon goşunlary NowuhodonosorI baştutanlygynda Elama güýçli zarba urupdyr.M.öň. VIII asyrda Elam goşunlary Assiriýadan garaşsyzlyk ugrunda çykyş edýän wawilonyň tarapynda çykyş edipdirler we dynuwsyz bir uruş hereketlerine çekilipdirler.

Assiriýa patyşasy Aşsurbanapol Wawilony derbi-dagyn edenden soň Elama çozupdyr we onuň ýurduny we paýtagty Suzi şäherini basyp alypdyr. (M.öň.639)

M.öň III müňýyllykda Elm jemgyýetiniň esasyny oba jemagatlary düzüpdir. Oňa ýürduň ähli erkin ilaty giripdir. M.öň. III müňýyllygyn ähli erkin ilaty giripdir.

M.öň. III müňyyllygyň başlaryndan başlap Elamda gul zähmeti ulanylýan hususy eýeçilik çalt depgin bilen ösüp başlaýar. Oba jemagatlarynyň ýerine garyndaşlyk ilteglerine daýanýan maşgala jemagatçylyk birlikleri emele gelýär.

Ep-esli soňrak Elamda jemagatçylyk we hususy hojalyk bilen bir hatarda patyşa mükleri we buthana ýerleri peýda bolyar.

Ilki-ilkiler alyş-beriş söwda gatnaşyklary ýazuwsyz alnyp barylypdyr. Emma m.öň. II müňýyllykdan başlap bu gatnaşyklar hat üsti bilen berkidilidir.

Elamlylaryň düşünjesine görä kanunlar Hudaýlar tarapyndan döredilýär we olaryň bozulmagu gün Hudaýynyň Nahkunteniň gahar – gazabyna duçar edýär. Patyşalar Zresleriň (ruhanylaryň) kömegi bilen özlerini hudaýlaryň ýerdäki wekilleri hökmünde görkezmäge olaryň erkini ýerine ýetirenler görnüşinde ündemä geçalşypdyrlar. Hammurapynyň kanunlary Elamda birnäçe ýüzýyllaryň dowamynda hereket edipdir. Ýuwaş-ýuwaşdan sukkal edara ediş ulgamy tagtyň atadan uly ogluna miras geçiş dessury bilen çalşyrylypdyr. Elamda aýallar ýokary durmuş we ykdysady dereje eýeläpdirler.

M.öň. 3 müňýyllyk töwereginde elamlylar piktografik (surat) hatyny döredipdirler. Ol hat şol tertipde düzülen Şumer hatyndan tapawutlanypdyr.Onuň 150-den gowrak bellikleri ol

bellikler aýry-aýry sözleri we tutuş düşünjeleri aňladypdyr.

Emma hatlar henize çenli okalan däldir. M.öň. 3 müňýýllygyň ikinji ýarymynda elam çyzyk hatlary emele gelipdir. Ol hatyň 80-e golay belligi onda hojalyk dokumentleri syýasy we din hatlary ýazuw geçirmek mümkin bolupdyr. Basym ol hat akkat- şumer klinopis hatlary bilen çalşyrylypdyr. Soňra olar elam klinopisleri bilen çalşyrylypdyr we tä m.öň V asyra çenli ýaşapdyr.

Elam jemgyýetiniň aňyýet düşünjesinde din agalyk ediji orny eýeläpdir. Ýurduň dini merkezi Suzi şäheri bolupdyr. Elam hudaýlarynyň ýokary basgançagynda ähli hudaýlaryň enesi hasaplanýan beýik hudaý “Prinekir” durupdyr. Onuň hormatyna baýramçylyk guralypdyr. Suzi şäheriniň penakäri ýerasty hudaýy Insuşinaka hem uly kermatdan peýdalanypdyr. Şeýle hem Elamlar aý hudaýy Napira, suw hudaýy Şaziýa, ot hudaýy Nusku, ýeňişleriň hudaýy Norinba çokunypdyrlar. Şolar bilen bir hatarda köp sanly ýerli hudaýlara hem uýupdyrlar.

Entek m.öň. IV müňýyllykda Elamyň topraklarynda örän özboluyşly sungat emele gelipdir.Şol wagtlaryň elam küýzeleri örän owadan nagyşlar we haýwanlaryň suratlary bilen bezelipdir. M.öň. III-II müňýyllyklarda elamyň sungatyna Şumer we Wawilon şekillendiriş sungaty uly täsir edipdir. Grizifonlaryň, ganatly şirleriň we döwleriň şekilleri çekilidir. Elam sungatynyň ajaýyp ýadygärlikleriniň

biri patyşa aýal Napirasyn bürünç heýkeli örän ezberlik bilen döredilen işleriň biridir. Şol döwrüň iň gözle ymaratlyk ýadygärligi Suzinyň golaýyndaky Dur-Uritaş zikkuratydyr.

Midiýa döwleti Eýranyň demirgazyk- günorta bölegni eýeläpdir. Midiýanyň Assiriýa bilen araçäkleşýän günbatar bölegi Midiýa Adopaten gündogar tekizlik bölegi bolsa beýik Midiýa diýip atlandyrylypdyr. M.öň. III-II müňýyllyklarda bu ýerde Elam dilinde oturymly ekerançy we çarwa maldar elam kassit kutin hurrit we başga dillerde gepleýän taýpalar ýaşapdyrlar. Midiýalylaryň özleri we olar bilen garyndaş persler eýran diliniň dürli lehçelerinde gepläpdirler.

Bu taraplaryň ata-babalary gündogar Ýewropadan Midiýa Kawkazyň üsti bilen göçüp gelen we Hazar deňziniň kenarynda ornaşan çarwa maldarçy taýpalar bolupdyr diýen çaklamalar bar. Bu taýpalar Eýranda takmynan m.öň. XII-XI asyrlarda peýda bolupdyrlar. Bu göçhä-göçlük parahatçylyk ýagdaýda bolup geçipdir we ýerli ilat bilen garyşmagyň netijesinde hasyl bolypdyr. Midiýanyň ilaty m.öň. VIII asyryň ahyryna çenli doly garyşypdyr we ýeke-täk eýranly diýilýän ilat kemala gelipdir. Şol wagtyň mazarlarynda atly goşunyň ýarag esbaplary köp gabat gelýär. Olarda atçylyk käri giňden ýaýrapdyr. M.öň.VIII asyrda Midiýa dagynyk ýagdaýda bolupdyr we Assiriýa elgarama bolupdyr, oňa paç töläpdir.

M.öň. VIII asyryň ahyrlarynda Midiýada bir döwlete birleşmek meýilleri güýclenip ugraýar.

## Tema: Ahemeniler döwleti.

Perslar hakyndaky iň irki maglumatlary biz Urmiýa kölüniň, günorta-günbatarynda ýerleşen Parsna welaýatynyň ýerlerinden tapylan b.e. öň IX asyra degişli assiriýa ýazgylaryndan bilýäris. Soňra parslar bu ýerden günorta tarap süşüpdirler we m. öň VII asyrlarda Elam ýerlerinde basyp alypdyrlar. Bu ýerler soňra Persiýa (köneçe Parsa) diýilip atlandyryp ugrapdyr.

M. öňki VIII asryrlardan başlap pers taýpa birleşmesine görnükli tireleriniň biri bolan Ahemeniler baştutanlyk edipdirler. Bu nesilşalygyny (hanedany) esaslandyran m. öň VIII asyryň ahyrynda VII asyryň başynda ýaşap geçen Ahemen diýen adam bolupdyr. Persler şol wagtlar eýýam Elam ýerlerini basyp almaklyga girişipdirler.

Emma m. öň assiriýalylar Elamy eýeläpdirler we pers patyşasy Kir I (köne pers dilinde Kuruş) assiriýalylaryň häkimýetine ykrar etmäne mejbur bolupdyr.

M. öň 600 ýylda 559 ýyla çenli Kombiz I-niň (Kombužiýa) patyşalyk eden ýyllarynda persiýa Midiýadan elgarama ýagdaýda bolupdyr.

Kambiz I Midiýa patyşasy Astiýagyň gyzy Mandana öýlenipdir. Şeýlelik bilen onuň ogly Kir II

Astiýagyň agtygyu bolupdyr. Rowaýata  görä Asfiýag düýş görýär (ýakymsyz). Gurrandazlaryň ýorgudyna görä Asfiýagy Mandanadan dogan agtygy tagtdan agdarýar.

M. öň 558-nji ýylda Kir persiýanyň ekerançy taýpalarynyň (pasagarad) patyşasy bolýar we pers döwletiniň birinji paýtagty Porsagarat şäherini esaslandyrýar.

m. öň 553-nji ýylda Kir Midiýa agalygyna garşy göreşe geçýär. Olaryň arasynda bolup geçen iki söweş netijrsinde Midiýalylar ýeňilişe sezewar bolýarlar we perslaryň gol astyna düşýärler. M. öň 550-nji ýylda Midiýanyň paýtagty Etbatan persla tarapyndan basylyp alynýar. Midiýany dyza çökermek bilen perslar olaryň medeniýetini we döwlet dolandyryş ulgamyny kabul edipdirler.

M. öň 549-njy ýylda Elamyň ahli ýerleri perslar tarapyndan basylyp alynýar. Onuň yzy süre oňa Midiýanyň düzümine giren Parfiýa, Girkaniýa we Ermenistan boýun egdirilýär. M. öň 547-nji ýylda Lidiýa döwleti we Kiçi Aziýanyň kenarýaka şäherleri, şol sanda Milet derbi dagyn edilýär. Şondan soň birnäçe aýyň dowamynda Kir Wawilona (Babil) hem basyp alýar. Günbatar Aziýanyň ähli ýurtlary tä Müsüre barýança Kire uruşsyz boýun egýärler. Muňa Finikiýanyň, Wawilonyň we Kiçi Aziýanyň täjirlere uly ýardan edýärler, çünki bütewi döwletiň döredilmegi olar üçin bähbit bolýar. (ýollar howupsyz gümrik päsgelçilikleri azalýar.) Soňra Kir döwletiniň gündogar

araçäginde ýaşaýan Orta Aziýanyň Massaget çarwa taýpalaryna garşy hüjüme geçýär. Emma m. öň 530-njy ýylda bolup geçen bir aýgytlaýçy söweşde ýeňilýär weheläk bolýar.

Şol ýyl Kir II-niň ogly Kambiz II tagta çykýar we Müsüre garşy ýörüşe başlaýar. Kambiziň goşunlarynyň sany basylyp alynan ýurtlarda ýygnalan esgerleriň hasabyna has artýar, oň Finikiýanyň we Kipriň güýçli floty goldaw berýär, arap taýpalary persiýanyň goşununa Sinaý ýarym adasynyň suwsuz çöllerinden geçmäge kömek berýärler.

Müsüriň araçak şäheri bolan Pelusiýanyň ýanyda bolup geçen söweşde persler ýeňiş gazanýarlar we Müsüriň paýtagty Membis şäherini eýeleýärler. Basym bütin Müsür persleriň eline geçipdir.

M.öň 525 –nji ýylda Kambiz Müsuriň faragony diýilip yglan edilýär, (ol täze XXVII nesilşalygyny esaslandyrypdyr, „Müsüriň we ähli ýurtlaryň Patyşasy” diýen ungany (titul) kabul edýär, Pa we Osiris hudaýlarynyň nesili diýen ady alýar… Ol öňki faragonlaryň syýasatyny dowam etdiripdir we Müsürlileri öz tarapyna çekmäne çalşypdyr. Kambiz Müsürlilere dini we şahsy durmuşunda erkinlik beripdir.

Soňra ol günorta Nubiýa ýöriş edipdir, emma şowsuzlyga duşup yzyna çekilmäne mejbur bolupdyr. Onuň günbatar Libiýa eden ýörişi hem şowsuz bolup çykypdyr.

Kambiziň persiýadan ülňelikde Müsürde bolan 3 ýylynyň içinde Eýranda tolgunyşyklar başlapdyr. M. öň 522-nji ýylda Kambiz Eýranda özüniň kiçi dogany Bardiýanyň gozgalaň tuzdurandygy hakyndaky habary alyp Eýrana ugraýar, ýöne ýolda düşüniksiz ýagdaýda ölýär.

Behistun ýazgylarynda mälim bolşuna görä Eýranda Bardiýanyň ady bilen häkimýeti Gaumata diýilýän bir ruhany (Žres, Mag) basyp alypdyr. Ol Wawilonda (Babil) gozgalaň edip köpçülik tarapynda goldanyp Kiriň we Kambiziň döwletine patyşa bolupdyr. Häkimýetde berkleşmek maksady bilen ol salgytlary we harby borçlary üç ýyllap ýatyrypdyr. Gaumata agalyk edýän toparyň artykmaç hukuklaryny ýatyrmak üçin birnäçe çäreleri durmuşa geçiripdir.

Gaumata ýurtda çäklendirilmedik patyşa häkimýetini dikeltmäne çalşypdyr.

Emma ol ýedi aý häkimýetde oturandan soň m. öň 522-nji ýylda köne beg toparynyň dil düwüşiginiň pidasy bolupdyr. Tagta ýaş Dariý çykarylypdyr, pers begleriniň köne artykmaç hukuklary gaýtadan dikeldilipdir.

## Tema: Dariỳ I-niń özgertmeleri.

Dariý tagta çykan badyna onuň garşysyna Wawilonda gozgalaň başlapdyr. Gozgalaňynň baştutany Nidintu-Belpod diýilýän adam Nowuhodonosar III ady bilen özüni patşa diýip yglan

edipdir. Emma gozgalaň Dariý tarapynda basylyp ýatyrylypdyr we onuň ýolbaşçylary jezalandyrylypdyr.

Şonuň bilen bir wagtda gozgalaňlar Persiýany, Midiýany, Elamy, Margiýanany, Parfiýany, Sattagidiýany, Orta Aziýany Sak taýpalaryny we Müsiri öz içine alypdyr.

Dariý bi gozgalaňlary ýatyryp öz häkimýetini pugtalandyrmana girişipdir. Kiriň we Kambiziň döwletini öňki çäklerine dikeldipdir. Emele genlen asudalykdan peýdalanyp Dariý Behistun gaýalatynyň ýüzüne ýazylan ajaýyp ýazgylaryny gurmana girişipdir (häzirki Kermanşah şäherinden 30 km gündogarda). Dariniň taýpa serdarlarynyň üstünden gazanan ýeňişlerini wasp edýän Behistun şekilleri ýerden 105 m. belentlikde dik gaýanyň ýüzüne çapylyp ýazylan ägirt uly ýadygärlikdir. Ol üç dilde – gadymy pers, elam we akkad dillerinde ýazylypdyr. Ol ýazgylarda Dariý özünde öň döwletde düzgün tertibiň bolmandygyny, adamlaryň özara gyrlyşandyklaryny özüniň häkimýet başyna gelenden soň hemmekişileriň baýlaryňam, garyplaryňam ýerli-ýerinde goýulandyklaryny belläp geçýär. Ol baý gatlagyň hukuk we emläk artykmaçlyklaryny berk gorapdyr, ýöne şol bir wagtyň özünde daýhanlaryň we hünärmentleriň hem çenden aşa ezilmeklerine ýol bermändir.

M. öň 522-521-nji ýyllaryň gozgalaňlaryny basyp ýatyrandan soň Dariý I döwlet-dolandyryş ulgamynda w emaliýe meselelerinde binäçe möhüm

özgertmeler geçiripdir. Bu çäreler bolsa döwlet dolanşygyny durnuklaşdyrmana basylyp alynan ýurtlaryň üstünden gözegçiligi pugtalandyrmana, salgytlaryň ýygnalşyny düzgünleşdirmäne, goşunuň kanunyny artdyrmana mümkiçilik beripdir.

Hahykat ýüzinde Dariý birinji tarapyndan girizilen düzgün Ahemeni döwletiniň ömrüniň ahyryna çenli dowam edipdir.

M. öň 518-nji ýylda başlanan özgertmelere laýyklykda döwlet aýry-aýry dolandyryş- salgyt birliklerine – satrapiýalara bölünipdirler.

Bu satrapiýalar dürli ululykda bolup köplenç köne adminstratiw we etniki birlikler bilen gabat gelipdirler.

Satrapiýalaryň başynda satraplar durupdyrlar (gadymy Eýrança hşatrapawan „patyşalaryň goragçylary”). Satrap wezipesi öňki döwürde hem bolupdyr, ýöne ol wagt olaryň başynda ýeli hökümdarlar durupdyrlar. Öňler satrapiýanyň baştutanynyň elinde raýat hem harby wezipeler jemlenipdir.

Dariý satraplaryň işini harbylaryňkydan aýyrypdyr, satraplar diňe raýat işlerini ýerine ýetiripdirler, kazyýet işlerini alyp barypdyrlar, satrapiýanyň hojalyk durmuşuna we salgytlaryň ýygnalyşyna gözegçilik edipdirler. Ýerlerde howupsyzlygy üpjün edipdirler, kümüş we mis pullary zikkeläpdirler. Goşuna serkerdeler satrapiýalardan garaşsyz ýagdaýda ýolbaşçylyk edipdirler şu çäreleriň netijesinde patyşa diwanynyň baştutanlygynda äpet

dolandyryş edarasy emele gelipdir. Merkezi dolandyryş edarasy döwletiň merkezi Suzi şäherind eýerleşipdir. Şonuň nusgasynda ýerlerde hem edara ediş guramalaryhereket edipdir.

Satraplar we harby ýolbaşçylar, aýratyn hem gizlin palisiýa gullugy merkezi dolandyryş edarasy bilen berk baglanşykly ýagdaýda goýulupdyr. Merkezi dolandyryş edarasynyň we onuň gullukçylarynyň üstünde garaýan adama hazarpatu (müň başy) diýipdirler. Ol şol bir wagtyň özünde patyşanyň saýlama goşunyna baştutanlyk edipdir.

Ahemenilariň döwlet dili arameý dili bolupdyr.

Döwlet edaralarynda persler agalyk ediji ýagdaýda bolupdyrlar, iň möhüm döwlet we harby wezipeler olaryň ellerinde jemlenipdir. Ýöne dölet wezipelerinde başga halklaryň wekilleri hem çekilipdir.

Pers döwletiniň durmuş ykdysady ýagdaýy köp dürlüligi bilen tapawutlanypdyr. Şonuň üçin hem bu döwletde köp sanly kada-kanunlar hereket edipdir.

Dariý birinjiniň döwründe boýun egdirilen ýurtlaryň kanunlaryny bir ulgama salmak, şeýle hem köne kanunlary öwrenmek boýunça uly işler durmuşa geçirilipdir (musal üçin Hamurapiniň kanunlary). Persleriň köne adat kadalary patyşa kanunlarynyň esasyna goýulupdyr.

M. öň 518-nji ýylda Dariý birinji salgytlaryň täze tertibini girizipdir. Hemme satyraplar gürrüňsiz suratda merkezden kesgitlenen salgytlary ýygnamana (pul

görnüşinde) borçly bolupdyrlar. Bu meselede ýeriň hili we mesligi hasaba alynypdyr.

Persler agalyk ediji halk hökmünde pul görnüşindäki salgytlardan boşadylypdyrlar, ýöne önüm görnüşindäki salgytlardan boşadylmandyr. Salgytlaryň köp bölegini has gurply welaýatlar töläpdirler. Onuň daşyndan hem sowgat hökümide berilýän köp sanly borçlar bolupdyr (natura görnüşinde). Salgytlaryň Dariý I tarapyndan kesgitlenen möçberi Ahemeni döwletiniň ýaşan döwrüninň bütin dowamynda üýtgemän galypdyr. Salgytlaryň pul görnüşindäki bölegini tölemek has kyn bolupdyr, çünki ilatda pul bolmandyr, şonuň üçin olar puly süýthorlardan göterimine almana mejbur bolupdyrlar.

Pul haryt gatnaşyklarynyň ösmegi pul özgertmeleriniň geçirilmegini talap edipdir. M. öň 517-nji ýylda Dariý I imperýanyň derýanyň ähli ýerlerinde yäze pul birligini girizipdir. Onuň esasynda altyn dariklar ýatypdyr. Ýöne gündelik alyş-çalyşyň pul birligi hökmünde gymmaty Dariniň 20-den birine barabar bolan kümüş zikgeler giňden ulanylypdyr. Şol manatlaryň ýüzüne pers patyşasynyň şekili çekilipdir. Ahemeni döwletiniň syýasy durmuşunda goşun höhüm rol oýnapdyr, çünki döwletiň ähli durky harby güýçlere daýanypdyr. Goşunuň esasyny parslar we Midiýalylar düzüpdir. Goşunda iň möhüm wezipeler persleriň elinde jemlenipdir.

Ýurduň harby güýçleri atly goşundan hem piýada goşundan ybarat bolupdyr. Atly goşun beg gatlakdan,

piýada goşun bolsa daýhanlardan düzülipdir. Pers goşunuň esasy ýaragy ýaý bolupdyr. Atly goşunuň ýaragy demir sawutdan, bürünç galkandan we iki sany demir naýzadan ybarat bolupdyr.

M. öň V asyrdan başlap piýada goşun tehniki taýdan gowy ýaraglanan grek (ýunan) hakyna tutma goşuny bilen çalşyrylypdyr.

Goşunuň esasyny 10 müň „ölümsizler” („ бессмертных”) düzüpdir, olaryň arasyndan hem birinji müňlik saýlanypdyr. Olar pers beg gatlagynyň wekillerinden saýlanyp alynypdyr we patyşanyň goradyny soragyny üpjün edipdirler.

Basylyp alynan ülkelerde halk gozgalaňlaryny basyp ýatyrmak üçin goşun bölümleri saklanypdyr. Olar kada boýunça başga welaýatlardan alynan gullukçylar bolupdyr.

Döwletiň serhetlerinde ýörite goşunlar gulluk edipdir, olara ekin eker ýaly ýer paýlanyp berilipdir. Harby gullukçylar her aýda däne, et we ş. M. azyk önümleri bilen hak alypdyrlar. Gulluk borjuny bitirip (otstawka) dynja giden gullukçylar ýer paýyny alypdyrlar, salgytlardan boşadylypdyrlar. Söwda hünärmentçilik bilen meşhul bolupdyrlar.

Dariý I döwründe persler deňizlerde hem agalyk edipdirler. Deňiz söweşlerinde persler finikiýalylaryň, kipirlileriň we müsüriň flotyndan peýdalanypdyrlar.

Dariý I döwründe Persiýa döwleti özüniň gülläp ösen wagtyny başdan geçiripdir we bir syhly mülklerini giňeldipdirler. Olar Hindistana, Egeý deňiziň kenar

ýakalaryna, Gara deňiz boýlaryna hüjüm edip durupdyrlar.

Dariý I hatda Gara deňiziň demirgazydynda ýerleşen Skif ülkelerine hem aralaşypdyr. Emma şowsuzlyga uçurap yza çekilmäne mejbur bolupdyr.

## Tema: Eýran sasanylar döwründe.

Sasanylar döwleti III asyrda öňki Parfiýa döwletiniň ýerlerinde emele gelipdir. Onuň düzümine Mesopatamiýa, Huzistan we Eýranyň gündogaryndaky daglyk welaýatlary giripdir.Ỳurduň dürli ýerleriniň ösüş derejesi birmeňzeş bolmandyr. Günbatar welaýatlar öz derejesi boýunça has ösen ýerler bolupdyr. Döwletiň ilaty hem etniki taýan dürli taýpalardan düzülüpdir. Iltayň esasy bölegi suwarymly ekerançylyk bilen meşgul bolupdyr. Daglyk ülkelerde çarwa maldarçylyk möhüm orun eýeläpdir.

Döwletiň başlangyç döwründe ýurdu hojalygynda gulçulyk agalyk sürüpdir. Gul zähmeti esasan suwaryş desgasynyň gurluşygynda we ekerançylykda peýdalanylypdyr. Olar doltkard diýip atlandyrylan ýer mülklerinde zähmet çekipdirler. Soňra olara käbir şahsy azatlyklar we önümçilik gurallary berilipdir.

Iň iri gul eýeleri döwletiň özi, maşgalasy, beg gatlaklaryň wekilleri we ruhanylar bolupdyr.

Şol döwürde köne opşina dargap, onuň içinden az sanly gurply beg gatlak saýlanyp ugrapdyr. Galan

köpçülik bolsa elgarama ýagdaýa düşüpdir. V asyrdan başlap bütin döwletiň möçberinde ýer salgydy ýarag we jan başyna laynýan salgyt gezit girizilipdir. IV –V asyrlardan başlap opşinanyň içinden ýeke bara hojalygyny ýola goýan azatlar topary saýlanyp ugrapdyr. Olar öňki erkin opşinaçylardan tapawutly öz hususy hojalygy, ýeri bolan täze gatlagy emele getiripdirler.

Olar patyşanyň çagyryşy boýunça ruslara öz aty we ýaragy bilen gelipdirler. V asyrda şol topara (kategoriýa) hethudalar we dahkanlar hem goşulypdyr. Çak edilişine görä "dekhanlar" toparyna doly hukukly ýer eýeleri "azatlara" bolsa erkin nökerler giripdirler. Boýun egdirilen Eýranly däl zähmetkeşleriň ýagdaýy hasda agyr bolupdyr. Hatyň uly bolmadyk bir bölegi hünärmentçilik bilen meşgul bolupdyr.

Ỳurduň ähli erkin ilaty üç gatlaga (topara) bölünipdir: Harbiler , goşun ruhanylar, emeldarlar. Dördünji salgyt töleýän gatlaga (topara) daýhanlar, hünärmentler we täjirler giripdir.

Öň belläp geçişimiz ýaly III asyrda sosaniler tiresinden bolan Ardaşir ilki Pars welaýatyny soňra bolsa bütin Eýrany özüne boýun egdiripdir. 226-njy ýylda ol patyşa diýlip yglan edilipdir. Köne pafiýan begleri bilen bolan gazaply söweşde patirarhal gurluşa güýçli zarba urulupdyr. Döwlet administratiw taýdan täzeden bölünipdir. Netijede köne tire-taýpa araçäkleri düýpli suratda özgeripdir. Döwletiň başynda Şahin-

Sah durupdyr. Dolandyryş guramalrynyň başynda Wazurgframada durupdyr. Merkezi hökümýetiň esasy wezipesi maliýe we goşun meselesi, şeýle hem suwaryş işleri bolupdyr. Ỳerli guramalary dolandyryş işleri ýerli guramalar tarapyndan durmuşa geçirilipdir. Goşun esasn taýpa ýygynlaryndan ybarat bolupdyr.

Zarostrizim sosanileriň döwlet dini bolup hyzmat edipdir. Bu dini maglumatynyň esasynda dünýäde iki baslangyjyň arasyndaky göreş-ýagtylyk bilen tümlügiň arasyndaky göreş ýatypdyr. Dini resimler gije-günjiz ady öçmeýän köp sanly ybadathanalarda berjaý edilipdir.

Zaroastra ybabadathanalary we ýokary dini gatlagyň wekilleri gullar tarapyndan işlenýän giň ýer mülklerini eýeläpdirler, halkdan sadaka aklyk alypdyrlar. Bilim we sud işleri olatyň elinden gecipdir.

Mümkinçiligiň düýüni tutan Tani 215-nji ýylda Wawilonda dogulupdyr. Taniheýçiligiň esasynda hem zaroastra-da boluşy ýaly ýagtylyk bilen tümlügiň arasynda göreş gidýär.(haýyr-şer)

Egerde Zaroastra Sosani döwletini ýagtylygyň simwoly hökmünde görkezen bolsa Tani dünýäni şol sanda adamlary hem şerçi başlangyjyň önümi hökmünde garaýar we adamzat diňe ölümden soň halas bolar diýip hasp edipdir. Şonuň üçin dünýäniň hem halas bolmagynyň ýeke täk ýoly ahyrzamana bolýar. Adamlar özleriniň ähli tagallalary bilen ýagty başlangyja hemaýat etmelidir. Şonuň üçin adamlar etli nahar iýmekden saklanmaly, nikalaşmaly däl. Et

iýmeli däl, ösümlikleri ýolmaly däl, şeýlelikde tanipegçiler asketizimi (sopuçuluk) baýlyga we häkimýete garşy bolupdyrlar.

Ỳer ýüzüniňmaddy ýaşaýyş durmuşyna otersatel garaýyş Taniniň taglymatyny çykggynsyz ýagdaýda goýupdyr. Sosaniler ilki Taniniň taglymatyna düşünmezlik bilen oňa azar bermändirler, emma soňra olary yzarlap başlapdyrlar, Taniniň özi bolsa 276-njy ýylda jezalandyrylyp öldürülipdir. Taniheýçilik soňra köp ýurtlara dargapdyr.

Sosani patyşalary aktiw basbaljylyk syýasatyny alyp barypdyrlar, Ardaşir döwründe döwletiň çäkleri öňki Parfiýa döwletiniň ähli ýerinde diýen ýaly dikeldilipdir. Olar Mesopatamiýany, Siryany, Kiçi Aziýanyň birtopar ýerlerini, Horosany , Merwi özün ebirikdiripdir. Sosaniler Mesepotamiýa we Ermenistan ugrunda Wizantiýa garşy üstünlikli uruşlar alyp barypdyr. 260-njy ýylda Piný goşunlary derbi-dagan edilipdir. Imperator Wateriýanyň baştutanlygyndaky Rim goşunlary ýesirdüşüpdirler we gul edilip, Karub derýasynyň boýunda guralan gatlanyň gurluşugynda işledilipdir.

Gundogarda Şapur I goşunlary Çaç welaýatyna çenli baryp ýetipdir. Mazdançylyk hereketiniň esasy güýçleri tozdurulan ekerançylar opşinaçylar, şeýle hem hünärmentler bolupdyr. Mazdan tarapyndan ýolbaşçylyk edilen dini filosofiki taglymat esasynda 488-nji ýylda başlanan hereket öz ideýasy boýunça Monheýçilige we Zoroastrizime ýakyn bolupdyr.

Manheýcilik tapawutlylykda Mazdak ýagtylygyň tümlügi ýeňmegininiň kanuny we gutulgusyz hadysadygyny öňe sürüpdir. Ondada bu ýeňişiň haýsydyr bir başga dünýäde dälde hut şu düňýäde ýeňjegini görkezipdir.

Mazdaniý taglymatynyň görkezmegine görä ýagtylyk doly düşünjeli hereket edýä tümlük bolsa tötänlik , aňsyz hereket edýär. Şeýlelik bilen adamlar ýere garşy aktiw göreş alyp barmaly. Bu işlere gatyşmaly. Mazdakçylaryň pikirine görä belanyň körügi emläk deňsizliginde. Şonuň üçin bu deňsizlik ilkinji nobatda ýok edilmeli.

Eýeçiligiň täzeden paýlaşylmagy emläk deňligininiň dikeldilmegi adamlaryň hukuklarynyň deňeşdirilmegi Mazdagyň esasy talaplary bolupdyr. Şonuň üçin Mazdagyň baýlaryň ýerlerini eline alyp, ony ýersizleriň arasynda paýlapdyrlar. Ỳer gullar, iş gullary, iş mllary, amamarlardaky däneler paýlanypdyr. Wagtlaýyn şah Kubd bu hereketi goldapdyr. Bu hereket gul eýeçiligine garşy gönükdürilipdir. Hereket azatlaryň we dehkanlaryň bölünmegi bilen ýeňilipdir. (529) (531-579)

Täze patyşa Hosrow I Amoşirwan täze fiodal gatnaşyklaryň peýdasyna reforma geçipdir.

Gozgalaň wagtynda basylyp alynan gul eýeleriniň ýerleriniň köpsi döwletiň hasabyna geçirilipdir. Basylyp alynan ýerleriň başga bir bolegi täze eýelerinde galdyrylypdyr.

Agalyk edýän toparlaryň düzüminde ham özgerişlr bolup geçipdir. Ỳere alynan gul eýeleriniň bir bölegi, azatlar gatlagy patyşanyň gullugyna çekilipdir.

Köp salgytlar we ýygymlar ýatyrylyp olaryň ýerine iki salgyt galdyrylypdyr: Ỳer salgydy, ýarag we jan balyna salynýan salgyt - geziti hemme ýerler ölçelip ol ýerlerden ýarag alynypdyr. Ol ekilýän ýeriň möçberine görä alynypdyr. Salgydyň Mukdary pul görnüşinde kesgitlenipdir. Umuman täze salgytlaryň möçberi öňkülerden az bolupdyr we daýhanlary höweslendiripdir. Bu çäreler döwlet ýer eýeçiligini artdyrypdyr. VI asyrda Eýran ykdysady galkynyşy başdan geçiripdir. Bu çäreler azatlary –dehkanlary agalyk ediji gatlaga öwrüpdir. Ỳurt dört sany harby okuruga bölünipdir we harby hem graźdan dolanşygy özara aýrylypdyr, graźdan häkimýetleri harbylary Saphkadlara garaşly ýagdaýda goýulupdyr.

Sosaniler döwründe ýurduň öndürüji güýçleri we medenýeti ýokary göterilişi başdan geçiripdir. Gurluşuk we ymaratçylyk ösütdir. Çeper hünärmetçilik gap-gaçlaryň ýüzüne çekilen ýunan we hindi alymlarynyň eserleri terjime edilipdir. Çeper eserler döredilipdir. “ Walik”, “Azra” , “Wis Weramin” .

## Tema: Eýran VIII-XII asyrlarda.

Sasanilar döwründe başlanan fiedal gatnaşyklaryň ösüşi Halifat döwründe hem dowam etdi. Ýurduň musulman tarapyndan basylyp alynmagy zorastrizim dininiň gullukçylaryna, kasta gurluşugyna uly zarba urdy.

Sasani patyşalarynyň we ölen ýa-da gaçyp giden feodallaryň ýerleri täzeden paýlaşyldy ýöne arap basybalyjylary ýurduň ösen we kämil döwlet dolandyryş ulgamyny hem salgyt gurluşyny kabul edip aldylar Araplar.

Halifatyň giň ülkeleriniň çäklerinde söwda alyş-çalyşynyň güýçlenmegi Eýranyň ykdysadyýetiniň we medeniýetiniň ösmegine oňaýly täsir etdi.

Eýranda arap basybalyşlarynyň başlangyç döwründe ýurtuň islamlaşmasy örän haýal gitdi. Diňe X asyrdan soň yslam ýurdyň ilatynyň köpçüligini öz içine aldy.

Beýleki yslam ýerlerinde boluşy ýaly resmi döwlet dili şelýle hem ylymyň we çeper edebiýatyň dili arap dili boldy. Ýöne IX asyrdan başlap täzepers dili hem güýçlenipdir.

Arap agalygyna garşy Eýranda birnäçe halk gozgalaňlary bolup geçdi. 747-nji ýylda Abu Muslimiň gozgalaňy. Abbasylar şol halk hereketlerinden peýdalanyp, gozgalaňçylara köp söz beren hem bolsalar, häkimýet başyna gelenlerinden soň halk üçin

hiç zat etmediler. VIII-IX asyrlarda hurramizim halk hereketleriniň baýdagy boldy.

Ýerli Eýran frodallarynyň özbaşdaklyk ugrundaky hereketi güýçlenýär. Günbatar Eýranda Buidler (Buweýhitler) Bagdady basyp alýarlar we ol ýerde özleriniň şyga häkimýetini berkarar edýärler (945-1055) we Bagdady basyp alýarlar. Umuman Abbasylaryň häkimýet başyna geçmekleri bilen Eýran feodal toparlarynyň wekilleri halifatyň ýokary döwlet wezipelerine çekilip başlaýarlar.

X-XI asyrlarda Eýran ykdysady taýdan ýokary göterilişi başdan geçirýär. Bu döwürde uzak ýyllaryň dowamynda Eýran ýerlerinde asudalyk höküm sürýär.

Eýranda ýere ýokary döwlet eýeçiligi bolan hem bolsa eýeçiligiň beýleki görnüşleri hem (mülk, ikta, wakf) hereket edipdir.

Feodal ýer eýeçiliginiň haýsy görnüşine degişlidigine garamazdan ekilýän ýerler ownuk kesimlere (uçastoklara) bölünip işlenipdir.

Halkara söwda ýollarynyň ugrunda ýerleşýän köne şäherlerden daşgary hem täze şäherlerde emele gelipdir. Olar hünärmentçilik merkezleri ýa-da ýerli hökümdarlaryň administratiw dolandyryş merkezleri hökmünde emele gelipdirler. Şol döwürde Eýranda aýratyn hem nah mata önümleri köp öndürilipdir. Gymmat baha parçalar, ýüpek we kendir, nah we ýüň matalar, ýüň we ýüpek halylar dokalypdyr. Ýene-de metal önümleri (gylyç, hanjar, demir telpek, bürünç we

kümüş gap-gaçlar, palçyk gap-gaçlar, oýunjaklar köp öndürilipdir).

Orta asyr Eýran şäheri şowhunly bazarlarda we söwda hem-de hünärmentçilik hatarlaryndan ybarat bolupdyr. Şäher esasan erkden (ark, köşk) Şähristandan we Yrabatdan düzülipdir. Esasy şäherler, Nişapur, Iswahan, Reý we Şiraz bolupdyr.

Eýranyň şäherleri özleriniň kitaphanalary we medireseleri bilen meşgullyk gazanypdyrlar, olarda ylahyýet (teologiýa), lukmançylyk, matematika filosofiýa we taryh sapaklary okadylypdyr. Şäherlerde häkimýet welaýat häkimleriniň we ýerli feodallaryň elinde bolupdyr.

X asyryň ikinji ýarymynda merkezi Owganystanyň günortasynda Gazna şäheri bolan, Eýranyň ýerleriniň bir bölegini hem (Reý, Isfahan) öz içine alan Gaznaly döwleti emele gelýär. Soltan Mahmyt aýry-aýry feodallaryň we wakf mülkleriniň hasabyna döwlet ýerleriniň möçberini köpeltmek isläpdir. Emma bu mesele onuň feodallar gatlagy bilen gatnaşyklarynyň ýitileşmegine getiripdir. Toparlaryň arasyndaky gatnaşyklar ýitileşipdir. Döwlet zyndyklary (ýerest) şol sanda karmatlary rehimsizlik bilen yzarlapdyr.

Şäher hünärmentleriniň we söwdegärleriniň arasynda täze dini akym – sufizm ýüze çykýar.

1040-1050-nji ýyllaryň aralygynda seljuklar Eýrany boýun egdiripdirler we olaryň esasy güýçi soňra Zakawkaziýa we Mesopatamiýa ýaýrapdyr.

Seljuklar Eýranda ornaşanlaryndan soň öz dogan-garyndaşlaryna we goşun başylaryna köp ýerleri iktab beripdirler. Şonuň üçin olar döwletini merkezleşdirip bilmändirler.

Sejuk häkimýeti berkerar bolandan soň häkimýet ekerançylyk we suwaryş desgalary barada alada edip ugrapdyr.

Seljuklaryň höküm süren ýyllarynda Eýranyň üstünden köp türk taýpalry dürli taraplara ýaýrapdyrlar. Olaryň bir bölegi demirgazyk günbatarda (Azerbaýjanda) we gündogarynda (Horasanda) ornaşypdyr.

Türkmenler – Seljuklar öz basyp alan ýurtlarynyň ösen medeni mirasynyň täsirine düşüpdirler. Syýasy häkimýetiň türkleriň eline geçmegi we ozalky mülk ýerleriniň ikta görnüşinde paýlanmagy bilen baglanşykly dehkanlar gatlagy taryhy sahnadan gaýyp bolupdyr.

Seljuklar dňe türk feodallaryna däl, eýsem ýerli Eýran baýlaryna hem ikta ýerlerini paýlap beripdirler. Eýran emeldar –býurokratik gatlagy we baý ruhany toparlary tiz wagtdan Seljuklar bilen ýaraşmak isläpdirler. Indi uly iktalary eline alyp şol ýerde döwlet bolmana ymtylan türk feodallaryna garşy göreşmek üçin Seljuk soltanlary Eýran emeldarlarynyň tejribesinden peýdalanmak üçin olar bilen ýakynlaşypdyrlar.

Merkezi hökümeti güýçlendirmek boýunça köp tagallalary eden Eýran emeldarlarynyň iň görnükli

wekilleriniň biri hem wezir Hizam Al Mülkdir. Bagdatda „Nyzamyýa” medіresesiniň (akademasynyň) açylmagy, ýurduň başga şäherlerinde hem köp sanly okuw jaýlarynyň açylmagy 1079-njy ýylyň 5-nji martda Omar Haýýamyň düzeldilen kalendarlarynyň çykmagy uly waka bolupdyr. Nizam Al Mülüň merkezleşdirilen häkimiýeti pugatalandyrmak ugrundaky tagallalary ikta ýer paýlaşygynyň giňden ýaýramagy bilen puja çykypdyr. Soltan Mälik şanyň ölüminden soň döwlet haýal etmän dargap başlapdyr. Eýranda Seljuklar eýamynda şiwa- Ismailitler hem janlanyp ugrapdyr.

XI asryryň ikinji ýarymynda olar aýratyn garadan-gaýtmaz (terrorçy) nizaritlar toparyny döredipdirler. Haç göterijiler olara “Assasinlar” diýipdirler. Bu guramanyň esaslandyryjysy Hasan As-Sabbah 1081-nji ýylda Kairdan Isfahana gelýär we şol ýerden öz wagyzlaryny ýöredip ugraýar. Ol Seljuklaryň häkimýetinden dinmaklyga çagyrypdyr.

1091-nji ýylda Ismailidler Alamud galasyny basyp alýarlar. Soňra olar Eýranda, Zagrosta we Huhistanda we Sirýada berkitmeler döredipdirler. Şeýlelikde Ismailidleriň teokratik feodal döwleti (1090-1256) döreýär. Onuň başynda şeýh Al Jebel durupdyr. Olaryň atlary we durmuşy başga adamlardan berk ýaşyrylypdyr. Bu döwletiň goşuny zorluk guramalary we fedailary bolupdyr. Olara şaýh hojaýyn, öldürmeli adamlatyň sanawuny beripdir. Nezam Al Mülk we Mälik şa hem fedailaryň pidasy bolupdyrlar.

XI asyr Eýran taryhynda iki toparyň – türk çarwa harby feodal taýpalarynyň we Eýran oturymly feodal aristokrat begleriniň arasyndaky göreş dowam edipdir.

XII-XIII asyrlarda aýry-aýry feodal mülkleriň arasyndaky göreş we olaryň içinde Atabeg maşgalalarynyň talaplary ýagdaýy hasda çylşyrymlaşypdyr.

## Tema: Eýran XIII – XV asyrlarda.

1220-nji ýylda Çingiz hanyň leşgerleri Jebe we Şubeteý hanlaryň ýolbaşçylygynda Eýrana çozup giripdir. Bu goşun Horasan, Mazanderan we başga Demirgazyk Eýran şäherleriniň üstü bilen Zakawkaziýa tarap geçip gidipdir, we derbent geçelgesinden aşyp Halka derýasyna barypdyr, we esasy güýçlere goşulupdyr.

Mongollaryň başga bir topary Toli hanyň ýolbaşçylygynda Horasan şäherlerini basyp alypdyr. Mongollar köp şäherleri ýykyp ýumurupdyrlar we otlapdyrlar, mysal üçin Nişapuryň ýeri düzlenip arpa ekilipdir, sebäbi bu ýerde mangollar güýçli garşylyga duş gelipdirler. Mongollar 1231-nji ýylda Töwriri, 1237-nji ýylda Isfihahy boýun egdirýärler.

Eýran doly suratda 1253-1256-njy ýyllarda Hulabu hanyň ýöriýşinden soň Mongollar tarapyndan basylyp alynýar. Şol ýörişiň netijesinde Mongollar Alamut galasyny hem basyp alýarlar we ismailitleri

derbi dagyn edýärler. 1261-nji ýylda Hulabu Ilhan Unwanyny kabul edýär. Eýran topuragynda mongol agalygynyň dikieldilmeginiň bu ýurduň öndüruji güýçleriniň pese gaçmagyna getiripdir. Mongollar köp ilaty gyrypdyrlar köp hünärmentleri bolsa gullara öwürip mangoliýa alyp gidipdirler. Mongollar daýhanlary talamagyň iň gazaply ýollatyny agtaryp tapypdyrlar. Salgyt ulgamynda eden-etdinlik höküm sürüpdir.

Mongollaryň arasynda aýratyn hukukdan peýdalan bir topar bolupdyr. Ol hem tarhanlar toparydyr. Olaryň dokuz gezek ýazygy geçilipdir. Ol jany hiç-kim bilen paýlaşmandyr, salgyt tölemändirler.

Hulagu döwletinde ýer eýeçiliginiň bir näçe görnüşleri bolupdyr: diwany (döwlet ýerleri), inji (han maşgalasynyň ýerleri), mülük, ikta we başgalar.

Soňra Hulagularyň yslam dini kabul etmegi we ýerli Eýran emeldarlary hem ruhanylary bilen ýakynlaşmasy netijesinde ýerli feodal baýlar öz ellerinde örän köp baýlygy jemläpdiler. Onuň üstesine wakf emlägi (esasan ekinýän ýerden, kerwen saraýlardan, hünärmentçilik kärhanalaryndan hem-de dukanlardan ybarat bolan) iň gutuply edaralaryň birine öwrülipdir.

Eýran emeldarlary mongol agalyk ediji gatlagynyň yslamy kabul etmegi şerti bilen Ilhan häkimýetini berkitmek we türk mongol söweşjeň çarwa begleriniň döwleti aýry-aýry mülüklere bölmek bilen

baglanyşykly seperafistik hereketiň öňüni almak isläpdirler.

Tozgunçylyklar netijesinde hojalygyň pese gaçmagy hökümdar toparlary özgertmeler geçirmäne mejbur edipdir bu çäreler taryhda Gazan hanyň özgertmeleri ady bilen bellidir.

Gazan han yslamy kabul edipdir. Başga dinleriň buthanalary we sinagogalary ýykylyp ýumurylypdyr. Yslam döwlet dini diýiliip yglan edilipdir. Gazan hanyň abyraýy we täsiri güýçlenipdir.

1304-nji ýylda salgytlaryň möçberi kesgitlenipdir, otkub ulgamy ýatyrylypdyr. Daýhanlar döwlet ýumuşy bilen barýan raýat we harby gullukdaky adamlary myhman almak we naharlamak borjundan boşadylypdyr.

Döwlet hat gatnadyjy gullugyny döredip poçta (ýam) harajatlaryny öz üstüne alypdyr. Gazan hanyň permany boýunça ekine ýaramly taşlanan ýerleri ekmäne rugsat bermek we ol ýerleri işleýänlere salgyt ýeňilliklerini bermek hünärmentçilikden we söwdadan alynýan Tanga salgydyny azaltmak aýry-aýry ýerlere wagtlaýynça ýatyrmak barada perman çykarylypdyr.

1303-nji ýylyň permany boýunça mongol goşunlaryna mirasa geçmek hukugy bilen ikta ýerleri paýlanypdyr. Bu iktalar müňlükleriň başlyklaryna berilipdir, soňra ýüzlüklere we onluklara paýlanypdyr. Ikta eýeleri goşun gullugyny ýerine ýetirmäne we ýerleriň işlenişine jogap beripdirler.

Gazan hanyň permany bilen ussahanalarda gul zähmeti gadagan edilipdir.

Ýeketäk pul birligi kümüş manatlar girizilipdir. (1 derhem = 2.5 g. kümüşe barabar) Ýeketäk uzynlyk we agram birlikleri girizilipdir, suwaryş desgalarynynyň gurluşugyna köp serişde goýberilipdir. Emma bu çäreler diňe bölek büçek ýerine ýetirilipdir.

XIV asyryň 30-njy ýyllaryndan başlap döwlet çöküp başlapdyr we özara feodal uruşlar zerarly bir topar özbaşdak beglikler emele gelipdir. Muzaffarilar (1333-1393) Parsda we günorta ýerlerinde, Jelairler (1340-1310) Bagdatda, Çobanlar (1344-1356) töwrüzde we başgalar.

1337-nji ýylda gündogar welaýatlarda Serbedarlar hereketi başlanýar soňra bu ýerler Teýmir tarapyndan basylyp alynýar.(1380-1393).

1383-nji ýylda Sebzebarda gozgalaň turýar bu gozgalaň teýmir tarapyldan rehisizlik bilen basylyp ýatyrylypdyr. 2 müň adam diriligine gurulup barýan jaýyň diwarlaryna basylypdyr. 1387-nji ýylda Isfihanda halk gozgalaňy basylyp ýatyrylypdyr. 70 müň adamyň kellesinden minara gurulypdyr.

Teýmir ölenden soň onuň nebereleriniň arasynda häkimýet ugrunda uruşlar başlapdyr. Şeýle şertlerde Eýranyň demirgazyk günbatarynda çarwa türkmenleriň garagoýunly döwleti emele gelipdir. Öl döwürde dini akymlaryň baýdagy astynda hereket edenhalk gozgalaňlary ýokary göterilipdir. Şeýle ýagdaýda emele gelen köp sanly dini akymlar halk hereketine ýol

görkeziji bolup çykyş edipdirler. Ýurduň günorta-günbatarynda Muhammet Muşa şanyň ýolbaşçylygynda halk hereketi bolup geçipdir (1441). Ol öz çykyşlarynda basym Mähtiniň peýda bolakdygy ýer ýüzinde adalatyň we deňligiň berjaý boljakdygyny aýdypdyr. Bu hereket esasan Huweýza bilen Şuşteriň aralygynda ýaşaýan arap taýpalaryny birleşdiripdir.

X – XV Eýran medeniýeti ýokary derejä göterilipdir. Bu ýerde Ibin Sina, Beruni, Omar Haýýam, Nasir Eddin Tusi ýaly alymlar ýaşap geçipdir.

Sultaniýa şäherinde Uljaýtu hanyň 8 gyraňly turbasy gurulypdyr.

XIII asyrda Miniýa Tura eserleri janlanypdyr. Çeper edebiýat gülläp ösüpdir. Ferdöwsi, Omar, Haýýam, Saadi, Hafiz, Jami ýaly şahyrlar ýaşapdyrlar we döredipdirler.

Eýran irki orta asyrlar döwründe. Sasanylar döwletiniň döremegi we onuň jemgyýetçilik-syýasy gurluşy. Sasanylar döwletiniň III-VII asyrlardaky daşary syýasaty. Sasanylar döwründäki halk hereketleri. Maniheýçilik we mazdakizm. III-VI asyrlarda sasanylar döwletiniň sosial-ykdysady ösüşi. Sasanylar owründe Eýranyň medeniýeti. Edebiýat

1.Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Aşgabat, 2001. Istoriýa Eýrana. M. 1977 Inostransew K.A. Sasanidskiýe etýudy. S.-Peterburg 1909 Istoriýa Irana s drewneýşyh wremen do konsa XVIII w. L. LGU.1958 Kasymowa S.Ýu. Ýunnyý Azerbaýjan w IV-VII w.w. Baku 1983 Kniga deýaniý Ardaşara syna Panaka. M.

nauka, 1982 Kolesnikow A.I. Zawoewanie Irana arabami. M.N.1982 Onuňky. Iran w naçale VII w. L.N. 1970 Kuznesow W.S. Posledniý prowitel Iranşahra (o Ýezdşerde III). Nowosib-k, 1991 Lukonin W.G. Iran w III weke. M.N. 1979 Perihanýan A.G. Obşestwo i prawo Irana w parfýanskiý i sasanidskiý periody. M.N.1983 Pigulýowskaýa N. Goroda Irana w rannem srednewekowýe. M.L.1956 Onuňky. Araby u granis Wizantii i Irana w IV-VI w.w. M.L.1964 Podwig Bahrama Çubiny.L.1962 14) История стран Азии и Африки а средние века. M. 1976. I Parfiýanyň güýçden gaçan wagtlary (III as.) Eýrany birikdirmek inisiatiwasy Parsdan çykýar. Ahamenitleriň düýbini tutanlar hem şol ýer. Arşakitler döwründe Parsy Bazraşitler dinastiýasyndan bolan patyşalar dolandyrypdyrlar (soňky Patyşa Goçihr). Paýtagty Ishak şäheri Parsda ownuk hanlyklar hem bolupdyr. Şolaryň biriniň hökümdary Sasany urugyndan bolan Papak 208 ýylda Parsda Göçühri öldürip häkimiýeti basyp alýar. Papak ölenden soň (222ý.) onuň ogly Artaşyr parsyň goňşulary Kermany we Huzistany eýeleýär. Soňra ol käbir hanlyklaryň hökudarlary bilen birleşip Parfiýan patyşasy Artaban V- njini ýeňýär we 226 (227) ýylda "Eýranyň şalar şasy" tituly bilen tagta çykýar. Şeýlelikde Sasanylar döwleti ýüze çykýar. Paýtagty hem Ktesifon-Selewkiýa bolýar. Istahr 2-nji paýtagty. Sasanylar döwleti hem Parfiýa döwletiniň territoriýalaryna goşulýar: Eýranyň häzirki territoriýasy, Orta Aziýanyň günorta- günbatary,

Owganystanyň günbatary, aşaky we orta Mesopotamiýa (Suristan). Ýefratyň günbataryna edilen ýörişler Artaşiriň Pim bilen uruşmagyna getiripdir. Sebäbi ol birnäçe gezek Siriýa we kiçi Aziýa ýörişler geçiripdir.

## Tema: Eýran XVI-XVII asyrlarda

Sefewiler nesil şalygy Eýranyň Demirgazyk-günbatarynda döremek bilen soňra bütin ýurdy öz agalygyna ýakyn edipdir. Sefewi döwletiniň döre,egi gyzyl baş hereketi diýilýän dini sufizik akym bilen baglanyşyklydyr. Bu nesil başlygynyň we dini tarykatyň ady Sefi uddin Ishak diýen piriň (1252-1334) ady bilen baglanyşyklydyr. Mukaddes Ruhnamada bu döwlet Türkmenleriň guran döwleti diýlip görkezilendir. Rowaýata görä Sefi-ud-din ýedinji faýy ymamy Musa Kasymyň 21-nji arka soňraky neberesi bolmaly.

Sefi-ud-din newereleri XV asyrda Ardabil welaýatynyň iň täsirli we baý maşgalasyna öwrülýärler.

Sefewi ordeniniň esasy daýanjy bolup XV asyrdan başlap Häzirbegjanyň we Kiçi Aziýanyň çarwa taýpalary hyzmat edýärler. Sefewi ordenini ýokary göteren Türk-Türkmen taýpalarynyň sany ilki başda ýedi taýpa bolupdyr Şamlu, Rumlu ustajly afşar, gajar, tekellu we zulkadar. Xv asyrdan başlap olar Gyzyl başlar diýip at alypdyr. Olar kellerinegyzyl reňkli gap geýipdirler we telpeginiň (Lopbyşynyň) töweregine

şaýy jymamlarynyň sanyna görä 12 sany gyzyl lwnta örüpdirler. Gyzyl başlar sakalyny syrypdyrlar we uzyn murt goýberipdirler. Syrylan kellelerine çokul goýberipdirler.

Eger ilkinji Sefewi pirleri dini taglymatlaryny ündeýän parahatçylykly adalar bolan bolsa olaryň hataryna höwesjaň türkmen çarwa müritleriň gelip goşulmagy bilen ol söweşjeň harby güýje öwrülipdir, “kapyrlara” garşy mukaddes uruşlara başlapdyrlar. Şol uruşlara gitmek bilen gyzyl başlar her gezek Şirwanyň üstinden geçipdirler we onuň hojalygyna ilatyna köp zyýan ýetiripdirler. Şirwanşahlar bilen gyzyl başlar arasynda bolan şeýle urşlarda Sefewi pirleri we Serdarlary Jüneýit we Haýdat öldiripdirler (1488)

1484-nji ýylda Akgoýunly patyşasy Ỳakup Ardabidi eýeläpdir we Haýdaryň ogullaryny ýesir alypdyr. Olaryň iň ,kiçisi Ismaýili gyzyl başlary gizläpdirler. (Giliýanda) XVI asyryň başlarynda Eýran bitewi ýeke täk döwlet goýmandyr, ol köp sanly ownukly irili mülklere fiodal beglik begliklerine dargapdyr. Ỳurtda has iri çak syýasy birlekler Günbatarda Akgoýunly döwletleriniň galyndylary Gündogarda Temirler döwletleriniň bölekleri bolupdyr.

Şeýle ýagdaýdan peýdalanan gyzyl başlar 1499-nji ýylda 12-ýaşly Ismaýylyň serdarlygynda herekete başlaýarlar. Şol ýylyň ahyrynda Şirwanşah Ferruh Ỳarsaryň goşunlaryny ýeňip Şemahaly, 1501-njy ýylda bolsa Bakuwy eýeleýärler.

1501-nji ýylda gyzyl başlar Töwrizde Albandyň goşunlaryny derwi dagyn edýärler. Bu ýerde 12 şaýy ymamny ýatlap Hutba okadýar. Şol wagt töwriziň ilatynyň 2/3 sünni ekeni .

1503-nji ýylda Şah Ysmaýylyň Myrat akgoýunlynyň goşularyny derwi-dagyn edýär. Kazbin Kum, Kaşan, Isfahan, Firaz , Ỳezd we Kerman ýerlerini eýeleýär. 1506-1511-nji ýyllarda Ermenistan, Kurtistan we Arap Yragy basylyp alynýar. 1510-njy ýylda Merwiň ýanynda bolan urşda Emseýban öldirilýär, onuň goşuny çym –pytrak edilýär we Horasan hem Sistan Sefewi döwletine birleşdirilýär.

Şeýlelikde Sefewiler dinastiýasy berkarar bolýar (1502-1736) Bu döwleti Sefewiler ýa-da Gyzyl başdöwleti diýilýär.

Bu döwlet XVI asyryň ahyryna çenli çarwa türkmen taýpalaryň elinde bolýar. Şonuň üçin ony Eýranyň milli döwleti hasap etmek bolmaz. Mukaddes Ruhnamada bu döwletiň türkmen döwleti diyilip atlandyrylmasy adalatlydyr. (yerlilidir). Onda uzak wagtyň dowamynda Eýranlylar ikinji derejeli rol oýnapdyrlar.

Köşgiň we goşunyň dili türkmen (Azerbeýjan) dili bolupdyr. Şah ysmaýyl türkmen dilinde goşgylar ýazylypdyr. Emma resmi dil fars dili bolup galypdyr.

Umumy mezhepli fizim hemmeler üçin hökmany döwlet dinine öwrilipdir. Summizim rodikal şu akym ary tarapundan ýanalypdyr. Döwletiň şasy şol bir wagtda hem Sefewiýe ordeniniň piri (Şeýhi)

hasaplanypdyr. Sefewiler döwletinde çarwa taýpalarynyň begleriniň agalyk ediji güýje öwrilipdir. (Türk we Kürt fiodallary) çarwa tire-taýpalaryň baştutanlary döwletden peýdalanmak üçin giň meýdanlar (terr) (ülke) alypdyrlar. Welaýatlaryň hökimdarlary begler-beglikler we etrap ýolbaşçylary häkimler şol taýpalaryň beglerinden bellenipdir. Şol ýerler köplenç şah tarapyndan tassyklanyp mirasa geçipdir. Ỳurtlardan çarwa taýpalaryň ýerleri bilen bir hatarda ýer eýeçiliginiň öňden gelýän görnişleri: Döwlet ýerleri (Diwany) şah maşgalasynyň ýerleri (Hasse) wakf, mülk we soýurgal ýer eýeçiligi hem saklanyp galypdyr. Ỳöne diwan, hosse ýurt ýerleriniň tutýan orny artypdyr mülk we soýurgal ýerleriniň möçberi azalypdyr. Sefewiler döwletinde uly bolmadyk ýer paýlary mirasa geçmezden salgyt almak hukugy bilen paýlanypdyr.

Ol ýerlere „Tiul“ diyilipdir. Çarwa ilatyň ýagdaýy (çünni olar opolçeniýede gulluk edipdirler) oturymly raýatlaryňka garanyňda ep-esli ýeňil bolupdyr. Daýhanlar köp sanly salgyt borçlary bermäge mejbur bolupdyrlar. Şäherlerden tanho salgydy alynypdyr.

Eýranda şaýy döwletini ýeňip üştin çykmagy Osman döwletinde uly injalyksyzlyk döredipdir. Çünki Kiçi Aziýanyň ilatynyň esasy köpçiligi dürli şaýy sektolaryna degişli bolupdyr. 1511-nji ýylda Kiçi Aziýada şaýylaryň gozgalaňy (Hasan – ogly) bolup geçär. Şah Ysmaýyl bu gozgalaňy goldamandyr.

Baýazik II ogly Selim I ýowuz gozgalaňy basyp ýatyrýar we şaýylardan gazaply öç alýar. 1513-nji ýylda 40-müň adam öldirilýär. Eýran bilen Türjiýanyň arasynda uruş başlanýar. Osmanlar Çaldyran söweşinde ýeňiş gazanýärlar we töwrizi eýeleärler. Urşlar soňra Süleýman kanunynyň döwrinde hem dowam edýär. Bu urşlaryň birinji döwri türkleriň arykmaçlygy bilen dowam edýär. (1514-1555) ol döwür Amasiýa ylalaşyggy bilen tamamlanýär. Günbatar Ermenistan, Arap Yragy, Kürtstan Günbatar Gruziýa Turkiýa geçýär.

Şah Ysmaýylyň öliminden soň Tahmasp I döwrinde döwlet gowşaýar we özara guruşlar başlaýar. Tahmas I ýer salgydyny köpeldipdir, Gündogar Gruziýanyň ünsinden öz häkimýetini berkidipdir, 1538-nji Şirwany basyp alypdyr. Bu Türkiýa bilen uruşyň öňini almaga çalyşypdyr. 1553-nji ýylda Wolga – Kaspi söwda ýolunyň açylmagy Eýranyň Ỳewropa bilen söwda ykdysady gatnaşyklarynda uly waka bolupdyr. Indi Türkiýanyň üstinden sowulyp geçmäge mümkinçilik döräpdir.

## Tema: Abbas I özgertmeleri.

Emma Eýranyň umumy içerki ýagdaýyndaky kynçylyklar tä Abbas I döwrine çenli dowam edipdir. Yurduň Gündogar Günbatar welaýatlary Türkler tarapyndan basylyp alynypdyr. Horasanyň köp bölegi Merw, Great, Meşhet şäherleri bilen özbek hanlary

tarapyndan eýelenipdir. Beýik Mongol soltany Akbar Owganystanyň üstünde Eýran bilen duşmançylyk edipdir. Içerki urşlar we halk gozgalaňlary ýagdaýy hasda çylşyrymlaşdyrylypdyr.

Şeýle ýagdaýda Abbas I Türkiýa garşy bilelikde çykyp çykyş etmek üçin Russiýa ýüz tutupdyr. Emma Russiýa aýgytly hereketden saklanypdyr.

Abbas I 1590-njy ýylda Turkiýa bilen Stambul parahatçylyk şertnamasyna gol çekipdir. Bu Eýrana wagt utmak üçin gerek bolupdyr. Şoňa laýyklykda Gündogar Gruziýa, Gündogar Ermenistan Şirwan Azerbeýjan, Günbatar Eýranyň bir bölegi Hemedan we Jenjan şäherleri bilen Turkiýa geçipdir.

Şondan soň Geratyň ýanynda aýgytlaýjy söweş bolupdyr we 1597-98 ý Farda, Nişapur, Meşhet , Great Merw şäherleri bilen bütin Horasan olardan arassalanypdyr.

Abbas I reforma (ozgertmeleri) Abbas I içeri syýasaty fiodal dagynyklygyny ýatyrmak, merkezi häkimýeti güýçlendirmek we eýrany bir döwlete jebisleşdirmek bolupdyr.

Şonuň üçin şah bitewi döwletiň tarapdarlary bolan emeldarlaryna, Fars emeldarlaryna, öňi bilen hem Horasanlylara daýanypdyrlar.

Eýran elementine daýanmak bilen Abbas döwletiň esasy önimçilik güýçlerini hem merkezi welaýatlara geçirmäge çalyşypdyr. Döwletiň paýtagty hem Ispyhana geçirilýär (1598)

Şah Abbas I salgyt ulgamyny özgertýär. Öňi bilen maldarçylykdan alynýan – Çoban begi salgydyny ýatyrylýar, beýleki salgytlaryň hem bir bölegi kemeldilipdir, bir bölegi wagtlaýyn ýatyrylýär. Ispihan bölegi wagtlaýyn ýatyrylýar. Ispihan we töweregi bir ýyl möhleti bilen ähli ýygymlardan boşdylýar. Ỳer eýeleri we daýhanlar ýer salgydyndan boşadylýär. Hasse we döwlet ýerlerinde işleýän daýhanlar kärende töleginden boşadylypdyr. Şeýle ýeňillikler Horasana hem berilipdir. Türk akupasiýasyna sezewar bolan şäherlere hem salgyt imunitetini alypdyrlar. (Ordubad derbent ) Bu çäreleriň hemmesidaýhanlaryň we şäher ilatynyň ýagdaýyny gowylandyrmak, ilaty gurplandyrmak üçin geçirilipdir.

Şah Abbasyň döwrinde Feodal ýygynlary bilen bir hatarda hemişelik goşun döredilýär. Olara tüpençiler köprijsi torçylar we gulamlaryň atly köprüsi (Ermeni we Gürji ýetginjeklerinden ýygnanan). Gyzylbaşlaryň opalçeliýeni (hazynadan) 30 müň adama çenli azaldylypdyr . Şah Abbas döwrinde Eýranyň goşynynyň sany jemi 120 müň adama ýetipdir. Şolaryň 44-müňisi hemişelik goşuny bolupdyr. Hemişelik goşunyň döredilmegi fiodal ýygynlarynyň ähmiýetini kemeldipdir, Gyzyl başlaryň syýasy roluny azaldypdyr. Şah Abbas döwrinde merkezi häkimýet güýçlenipdir. Eýran elemnti güýçli orun eýeläpdir.

Merkezi Eýranyň roluny güýçlendirmek üçin bu ýere Gündogar Ermenistandan, Gruziýadan, Şirwandan ilat göçirilip eltilipdir.

Şah Abbas I döwrinde pul reformasy hem güýçlenipdir. Täze pul birligi Abbasy aýlanyşyga goýberilipdir. Şah Abbas I Sünnileri yzarlapdyr çünki olary turkiýanyň we özbekleriň tarapdarlary hasap edipdir. Şah Kerwen ýollaryny howpsyzlandyrypdyr, kerwensaraýlar we täze ýollar gurdyrypdyr. Birnäçe şäherler salgytdan boşadylypdyr. Şol döwürde şäher gurlyşygy uly möçwerlere baryp ýetipdir. Döwletiň paýtagty Yspyhan şäheri täzelenipdir. Onuň ilaty 600 müňe ýetipdir. 1603-1607 ýyllaryň uruşlaryndan soň Eýran goşunlary turkiýadan oňki gideren ýerlerini gaýtaryp alypdyrlar: Azerbeýjan Gündogar Ermenistan we Gündogar Gruziýa, Gürjistan. 1623-nji ýylda şa Abbas I täze uruş netijesinde Turkiýadan Bagdady bütin Arap Yragyny, Seziräni gaýtaryp alypdyr. Bu uruş 1639-njy ýylda tamamlanypdyr.

Şa Abbas I döwrinde Sefewi döwleti öz kuwwatynyň ýokary derejesine ýetipdir.

Döwlet gurluşy. Döwletde syýasy agalyk söweşgen türkmen harby çarwa beglerinden Eýran raýat emeldarlarynyň eline geçipdir. Çylşyrymly býurekratik aparat emele gelipdir.

Şah häkimýeti çäklendirilmedik derejede bolupdyr. Onuň ýanynda maslahatçy hukuk bilen uly (ýokary) mejlis hereket edipdir. Onuň düzümine 7 agza: Beýik wezir-etemad od-döwle; onuň orunbasary mejlis-newis; syýasy we beýleki meseleler boýunça ýokary emin (Sudýa) diwan begi; onolçeniýeniň başlygy (gyzylbaş) kurçi başy, gulam atly köpüsiniň

başlygy kullar-agasy; atyjylar köpüsiniň başlygy tufangçi; köşk dolandyryjysy işyk-agasy-başy: Has gijiräk XVII asyryň ahyrynda ýokary mejlise ýene-de üç emeldar: maliýe diwanynyň başlygy-mostoubi al-mamalik; köşk edaralarynyň başlygy-nazire buýutat we şah awçy gullugynyň baştutany-mir şekar başy. Olaryň her haýsynyň öz diwany bolupdyr. Beýik wezir şahdan soň birinji adam bolupdyr, ol ähli diwanlar gözegçilik edipdir we uly şah möhrini göteriji bolupdyr.

Bütin ýurduň ýerleri iki bölege bölünipdir diwan welaýatlary we hasse welaýatlary ýerli hökümdarlaryň arasynda şahyň elgaramalary waliler iň ýokarda durupdyrlar. Welaýatlarda beglerbegiler dolandyrypdyrlar. Etraplaryň häkimleri beglerbegilere garaşly bolupdyrlar.

Hasse welaýatlary aýratyn wezirler we amiller tarapyndan (maliýe emeldarlary) edara edilipdir. Bu ýerlerden gelýän girdejiler şah köşgüne haçlanypdyr.

## Tema: Eýran XVIII asyryň ahyrynda we XIX asyryň birinji ýarymynda.

Nedir şa öldürlenden soñ, onuñ äpett döwleti aýry-aýry feodal mülkleri dargaýar. Owganistanda Ahmet şah Durranynyñ döwleti emele gelýär.

Horasanda Astrobatda, Mazendaranda, Häzirbaýjanda, Gliýnada özara göreş alyp barýan ýerl hanlyklar höküm sürüp başlaýarlar.

1760 -ýylda günorta Eýranyñ Zentler taýpasynyñ baştutany Kerim han Eýrany täzeden öz hökümdarlygynyñ astynda birleşdiripdir. Onuñ döwründe gysga wagtyñ dowamynda ýurduñ hojalygynyñ ösmegi üçin amatly sertler döredip, asudalyk başlanýarlar. Emma Kerim hanyñ ölüminden soñ, (1779), ýene-de özara uruşlar tutaşýar. Ahyrda 1794-nji ýylda demirgazyk Eýranda ýaşaýan Gajar taýpasynyñ Agamuhammet hanyñ baştutanlygynda öz bäsdeşlerini ýeñip, ähli Eýrany bir döwlete birleşdirmek başardypdyr. 1796-njy ýylda Agamuhammet öžüni şah diýip yglan edýär. Şeýlelikde Eýranda Gajar nesilşalygy berkarar bolýar. Ol döwletiñ paýtagty Tähran şäheri bolupdyr. 1797-nji ýylda Agamyhammet han dildüwşik esasynda öldürilýär, onuñ ornuna garyndaşy Fath -Al-Şah tagta çykýar. (1797-1834).

Nedir şahyñ döwründe alnyp barylan üznüksiz uruşlar we soñraky içerki feodal çaknyşyklar, ýurduñ obalarny we şäherlerini elhenç tozgunçylyga getirdi we suwaryş desgalarynyñ weýran bolmagyna sewäp boldy. Eýran XVIII asyryñ ahyrynda yza galan ýarym feodal, ýarym potriarhal ýurtdy. Ykdysady we jemgiýetcilik gatnaşyklaryndaky ýzda galaklyk ýurduñ medeni ösüşini pese gaçyrýardy.

Özüniñ ykdysady syýasy we medebi taýdan yzagalaklygyna garamazdan Eýran entek XVIII asyryñ ahyrynda koloniýada däldi, Ỳewropa ýurtlaryna ýapja ýagdaýdada däldi. Şol wagtlarda Ỳewropa ýurtlarynyñ esasy talaplary özleri üçin amatly söwda şertlerini döretmekden ybaratdy. Olaryñ esasy söwda nokatlary hem pers aýlygynyñ adalarynda we kenarýaka şäherlerine ýerleşýärdi we ýurduñ jümmüşine hem umymy ýagdaýyna täsir edip bilmaýärdi. Emma ýurduñ umumy yzagalaklygy bu ýere Ỳewropa kapitalynyñ ornaşmagy üçin amatly şertleri döredýärdi.

Angliýanyñ we Fransiýanyñ agalyk ediji toparlary XVIII asyryñ ahyryndan başlap, Eýrany ýakyn we orta gündogaryñ ýurtlaryny kolonial batnalaşdyrmakda daýanç merkezi hökmünde peýdalanmaga jan edýardiler.

1796-njy ýlda Tährana gelen Fransiýanyñ wekilleri Eýrany Russiýa garşy urşa itekleýärdiler we bu ýurdy Angliýa garşy göreşde peýdalanmak isleýärdiler.

Fransiýanyñ Angliýany Eýrandan çetleşdirmek meýilnamasynyñ öñüni almak we Eýranda öz täsirini artdyrmak maksady bilen Angliýa 1800-nji ýylda gepleşikler geçirmek üçin Hindistantanda Eýrana öz ýörite wekili Malkolmy iberýär. Netijede 1801-nji ýlda bu döwletleriñ arsynda syýasy we söwda sertnamasy baglasylýar. Şol

şertnama laýyklykda şah Fransuzlery Eýrana goýbermezligi we eder-de fransuzlar Hindistana çozan halatlarynda, Owganystana goşun ibermäge razydygny bildirýär. Şertnama söwda baraad iñlislere birnäçe ýeñillikler we artykmaç hukuklar berýär: ñlisler salgytlardan boşadylýar. Olar Eýran portlaryna erkin göçüp barmaga ygtyýar alýarlar, iñlis harytlarynyñ bir bölegi gümrük töleglerinden boşadylýar. Bu ýeñillikleriñ deregine Angliya eger Eýran bir döwlet bilen uruş ýagdaýynyñ bolan halatynda, ony ýarag bilen üpjün etmegi öz üstüne borç alýar. Eýran bu şertnamany esasan russiýanyñ basypalyjylyk syýasatyna garşy peýdalanmak isleýär. Russiýa 1801 nji ýylda Gruziýany özüne birleşdirdi we Kawkazyñ we Zakawkaziýanyñ we beýleki mülklerini basyp almaga girişdi. (Häzibegýjan, Ermenistan) we ş.m.

Russiýa bilen Eýranyñ Zakawkaziýa ugrundaky göreşi 1804-nji ýylda, birinji Rus Eýran urşunyñ başlanmagyna getirdi. Angliýa Napoliona garşy Russiýa bilen birleşip, Eýrana hiç hili kömek bermedi. Bu ýagdaýdan peýdalanyp Napolion 1806-njy ýylda Eýranda delegesiýa iberdi. Şol wadt rus goşunlary Derwendi, Bakuwy, Magany basyp alypdyrlar. Goranyş we hüjüm ediş baradaky Eýran Fransiya şertnamasyna 1807-nji ýylda Magtymguly aýynda çekilýär.

Şol şertnama laýyklykda Angliýa bilen hemme gatnaşyklaryny kesmegi we oña uruş yglan

etmegi, fransuz goşunlaryny öz üstünden Hindistana goýbermäge, owganlary mejbur etmegi, fransuz goşunlary bilen Eran goşunlaryny Hindistana basyp almaklygy ibermegi borç edinýär. Şeýle hem pers aýlygynyñ portlaryny Fransuz gämileri üçin açmaga razylyk beryär.

Napolion şah goşunlaryny ýarag bilen üpjün etmegi we degişli instruktorlar ibermegi, Russiýany Gruziýany we Zakawkaziýa hanlyklaryny Eýrana gaýtaryp bermäge mejbur etmegi söz berýär.

Şonuñ yzy süre general Gardanyñ ýolbaşçylygynda Frnsuz harby gullukçylary Eýrana gelýärler we Ỳewropa nusgasynda Eýran goşunyny döretmäge söz berýär. Gardan fransuzlara kapitulýasiýa hukuklaryny berýän täze şertnama hem baglaşyar.

Emmma 1807-nji ýylad Russiýa bilen Fransiýanyñ arasynda Tilzit parahatçylyk şertnamasyna gol çekilmege ýagdaýy büsbütin üýtgedipdir. Napolion Rusiýa garşy duşmançylykly hereketlerden saklanmagy bilen baglanşykly Eýran şasy Angliýa bien ýakynlaşyp ugrapdyr. 1809-njy ýyyñ martynda Angliýany ýörite wekili Harfort ,Jons Tährana gelýär, we iki ýurduñ arasynda deslapky diýilýän şertnama gol çekilýär. Şol şertnama görä şah Fransiýa bilen ähli gatnaşyklaryny kesýändigini beýan edýär. Angliýa Eýrana Russiýa garşy uruşy dowam etdirmeklige

meçew berýär we uruş gidip durka her ýylda 200 mün tümen möçberinde pul kömegini söz berýär.

Emmma Russiýa garşy Angliýanyñ we Fransiýanyñ ýarag we pul kömegi Eýran goşunlrynyñ söweş ukyplaryny gowylaşdyryp bilmändir. Tehniki we ýarag taýdan has güýçli rus goşunlary Eýran goşunlaryna ýzly -ýzyndan zarba urupdyrlar.

1812-nji ýylyñ Garaşsyzlyk aýynda Aslanduzyñ ýanynda bolan söweşde Eýran goşunlary derbi-dagyn edilipdir we aman soramaga mejbur bolupdyrlar. Netijede 1813-nji ýylyñ Garşsyzlyk aýynda Gülistan parahatçylyk şertnamasyny göl çekilmegi bilen I- nji rus Eýran urşy tamamlandy.

Şu şertnama esasynda Eýran Dagystandan, Gruziýadan, Demirgazyk Häzirbegjandan el çekmäge mejbur bolupdyr. Bu ýerler şol wagta çenli eýýäm Russiýa birleşdirilipdir. Russiýa Kaspy deñzinde harby flot saklamak boýunça aýratyn hukuga eýe bolupdyr. Bu bolsa Angliýanyñ we Fransiýanyñ bu ýerde öz flolaryny döretmek baradaky umytlaryny puja çykarypdyr. Şeýle hem Rus täjirlerine Eýranyñ yerlerine we Eýran täjirlerine Russiýa erkin baryp, bilmekleri we söwda etmekleri üpjün edilipdir. Iki tarapyñ hem söwdagärleri 5% gümrük ýygymlaryny töläpdirler.

Gülistan şertnamasy Angliýanyñ Eýrandaky meýilnamaaryny zarba urupdyr. Eyranda Russiyanyñ

täsiriniñ güýçlenmegi öñüne almak we Eýrany urşa iteklemek üçin Angliýa Täze şertnamanyñ baglasylmagyna gazanypdyr.

1814-nji ýylyñ şertnamasyna laýyklykda “Deslapky ” şertnamada görkezilşi ýaly Eýran Angiýa bien duşman döwletler bilen baglanşylan ähli şertnamalaryñ ýatyrylmagyna gazanypdyr we Eýranyñ haýsydyr bir Ỳewropa ýurdy bilen uruş başlasa pul kömegine berjekdigini yglan edipdyr.

Şol şertnama görä, şah harby tälimçileri Angliýadan çagyrmaga we iñlis Owgan urşy başlanaýsa Angliýa kömek bermäge borç alypdyr. AnglIýa Gülistan şertnamasy esasynda kesgitlenen rus Eýran serhediniñ täzedan seredilmegini gazanmagy söz beripdir. 1821-1823 nji ýyllary Luran-türk urşunda Eýran goşunlarynyñ ep-esli üstunlikler gazanandygyna garmazdan 1823-nji ýylyñ Erzara şertnamasyna görä iki ýurduñ serhedi öñkiligine galypdyr. 1826-njy ýylyñ Gorkut aýynda ikinji Rus Eýran urşy başlanypdyr. Emma bu uruş hem Eýran üçin şowsuz gutarypdyr. Häzirbegjanyñ hökümdary Şazada Abbas Mürzäniñ baştutanligindaky Eýran goşunlary yzly-yzyna şowsuzlyklar uçrapdyr.Yerewan Töwris Hoý Marant Rus goşunlary tarapyndan eýelenipdir. 1828-nji ýylyñ Baýdak aýynda Türmençaý ýaraşyk şertnamasyna gol çekilýär. Şol ýyklykda iki döwletiñ serhedi esasan Araks derýasy boýunça geçýär. Gündogar Ermenistan Russiýa birikdirilýar.

Eýran 20 mln. Pul kontrebusiýa tölemäge borçly bolýar. Kaspi deñzinde harby flot saklamak boýunça Russiýanyñ aýratyn hukugy tassyklanýar. Rus raýatlary Eýranda eksterritariatlyk hukugyny we artykmaçlyklary alýar.

Türkmen çaý şertnamasyndan soñ, Eýran Russiýanyñ täsiri üzül-kesil artýar. Urşu çykdajylaryny we kontrebussiýany üzlüşmek üçin salgytlar artdyrylýar we ýurtda närazyçylyklar artýar. Russiýanyñ täsiriniñ ösmegine garşy çykyşlar güýçlenýär. 1824-nji ýylyñ Baydak aýynda 11-nde Rus wekilhanasynyñ jaýyna hüjüm edilýär we diplomatik wekilhananyñ ustüne märeke üçin işgärleriniñ köpüsi, şol sanda ilçi A.S Gribaýedow öldürilýär. 1834-nji ýylda Fath Ali-Şahyñ olüminden soñ Eýran tagtyna Abbas Müržaniñ ogly Muhammet çykýar ( 1834-1848)

## Tema: Hyrat meselesi. Babylaryň hereketi.

XIXasyryñ 40-njy ýyllarynda Angliýa Hyratda ornaşmak isleýär. Hindistandaky öz mülklerine demirgazykdan abanýan howpyñ öñüni almak we bu şaheri orta Aziýa Kaspinýn gündogar kenaryndaky ýerleri özüne boýun egdirmek üçin bu şäherinñ uly srategiki ähmiýeti bardy.

Russiýa hem bu ýerlerde ornaşmak isleýardi. Şonuñ üçin ol Hyraty basyp almaklyga eýran şasyny iterýärdi. Onsoñam Hyratyñ hökümdarlary özlerine nominal taýdan Eýran şasynyñ raýatlary diýip, ykrar edýärdiler .

Şeýle ýagdaýda rus wekilleri tarapyndan meçew berilýän Eýran şasy Muhammet şa Hyrata ýöriş edýär we şäheri gabaýar. Ol şäheriñ iñlisler tarapyndan basylyp alynmagynyñ öñüni almak we bu ýerde öz häkimýetini dikeltmek isleýärdi. Muña jogap edip iñlisler pers aýlygna öz gämilerini ugradýardylar we Hart adalaryny eyeleyarler. Olar urus haybatyny atyp, Hyratyn gabawynyn ayrylmagyna we Russiýa berlen hukuklara menzes sertlerde (türkmen çäý) täze söwda şertnamasynyn baglaşylmasyny talap edýarler. Şa iñlisleriñ şertlerini kabul etmage mejbur bolýar. 1841-nji ýylda iñlis eýran diplomatik gatnaşyklary dikeldilýär we täze söwda şertnamasyna gol cekilýär. Iñlislere eksterritorial hukuklar berilyär, olary harytlary içerki gumruk yygymlaryndan bosadylýar we daşdan getirilän iñlis harytlary uçin 5% gümrük girizilýär. Şeýle ýillikler soñra Fransia Awstriýa ABŞ –a we beýleki Ỳewropa ýurtlaryna hem berilýär.

Eýranda kapitulýasion düzgüniñ girizilmegi, daşary ýurt kapitaliniñ bu ýurda getirilmegine has artdyrýar we içerki bazaryñ, ýagny Eyran haryt öndürijileriñ köpçülikleýin tozgançylygyna getirýär.

Ỳaňy döräp ugran milli senagata zarba urýar. Halkyň hal ýagdaýy erbetleşýär.

Baby gozgalaňlary 1848-1852. XIX asyryň 40-njy ýyllarynda Eýranyň dürli welayatlarynda we şäherlerinde halk hereketi gn gerim alypdyr. ol esasan şah režimine we ýerli hanlaryň zulumyna garşy gönükdirilipdir. Bu gozgalaňlaryň başynda Fiid mezhebiniň babiler toparynyň ýolbşçysy runany we ownuk söwdagär Aly Muhammet durupdyr.

1844-nji ýylda Seýit Aly Muhammet özüni bab (gapy, derweze ) diýip yglan edýär. 1847-nji ýylda özüni Mahti diýip atlandyrýar. Babyň taglymatynyň esasy ugurlary, onun ýazan "beýan" (otkroweniýe ) diýen kitabynda açylyp görkezilýär. Bab Muhammet pygamberleriň keramatly Kuranynda görkezilen kada-kanunlar köneldi we taze keramatly beýanynda ýazylan görkezilenler bilen çalşyrylmaly diýip uglan edýär.

Beýanda, ähli adamlaryň deňligi ykrar edilýär. Eýranyň esasy welaýatlarynda babylaryň mukadsdes patyşalygynyň berkarar edilýändigi görkezilýär. Baby akymyna eýermeýänler we daşary yurtlylar, mukaddes babyleriň ýurdundan kowulmalydyrlar. Olaryň emlägi elinden alynmalydyr we babileriň arasynda paýlanmalydyr, diýen çagyryş öňe sürülýär. Bab şeýle hem ynsan hukugynyň we emläginiň goralmagyny nesihat edipdir. Şu umumy

çagyryşlarda halk köpçüliginiñ zulumdan halas bolmak we adalatly jemgiýet gurmek baradaky arzuwlary şöhlelendirilipdir.

1847-nji ýlda bab tussag edilýär. Emma onuñ egindeşleri Muhammet Aly Barforasti Korrat Al Aýyn, onuñ taglumatyny ösdüripdirler. Olar 1848-nji ýylyñ tomsunda Bedaştde bolup geçen ýygnaklarda hökümýet kanunlarynýn we düzgünleriniñ, salgytlaryñ, borçlaryñ hususy eýeçiliginin ýatyrlandygy, emläk umumylygyny aýallaryñ erkekler bilen deñhukuklygynyñ girizilýändigini jar edipdirler. 1848-nji ýylyñ Ruhnama aýynda babiler Mezandaranda açyk gozgalaña başlaýarlar, olaryñ sany 2 mün adama ýetipdir. Gozgalaña Muhammet Barforişi we molla Huseýin Boşruýl ýolbaşçylyk edipdirler. Olar hususy eýeçiligiñ ýatyrmaga we deñhukuklygy dikeltmäge jan edipdirler. Olar umumy bir umumy gazandan iýmitlenmäge çalyşypdyrlar. Olar 8-aýyñ dowamynda hümýet goşunlarynyñ hüjümini yza gaýtarypdyrlar. Haýynlaryñ kömegi bilen bu gozgalañ 1849-njy ýñ Magtymguly aýynda basylyp ýatyrlypdyr. Emma 1850-nji ýylyñ Magtymguly aýynda Jenşanda başlapdyr. Bab 1850-nji ýylyñ Magtymguly aýynda Töwrizde atylyp öldürilýär. Jenşan gozgalañy 1850-nji ýylyñ ahyryna çenli dowam edipdir. Şol ýylyñ tomsunda gozgalañ Neýrizde başlapdyr. Gozgalañ ýatyrylan soñ, Babyñ şägirtlerinden Behaolla hususy eýeçiliginiñ saklanmagy, deñsizligiñ saklanmagy,

gozgalañlary ýazgaryp, çykyş edipdyr. Bu hereket wehaizm ady bilen bellidir. 1856-njý ýylda Eýran goşunlary Hyraty gabatdyrlar we basyp alypdyrlar. Angliýa 1856-nji ýylda Eýrana uruş yglan edýär. Şol ýylyñ Bitaraplyk aýynda iñlisler Hart adasynyna Buşiri basyp alýar. Soñky ýylda Mohammeri portuny we ahwazy basyp alýarlar. 1857-nji ýylyñ Nowruz aýynda Parižde iñlis Eýran ýarasýk şertnamasyna gol ýär. Eýran Hyratdan we Owganystandan el çekýär.

## Tema : Eýranyň ýarym kaloniý ýurduna öwrülmegi we 1905-1911-nji ýyllaryň halk hereketi.

Eýran XIX asyryň 70-nji ýyllaryndan başlap doly suratda Angliýadan we Patyşa Russiýasyndan bakna ýurda öwrülipdir. Ol daşary ýurtlara konsessiýalar beripdir we olardan zaýmlar görnüşinde karz pullar alypdyr. XIX asyryň 70-80- nji ýyllarynda iňlisler Eýran bilen telegraf çekmek boýunça 4 sany konsessiýa gol çekipdirler. Ol ýol London bilen Hindistanyň arasynda telegraf aragatnaşyklaryny üpjin, etmeli bolupdyr we iňlisleriň işgärleri tarapyndan hyzmat edilipdir. Eýranyň gündogarda-günbatarda gara ýollary gurlupdyr we iňlislere hyzmat edipdir, gündogarda bolsa ruslara hyzmat edipdir. 1890-nji ýýlyňşertnamasy, boýunça Eýranyň demir ýollar gurmaga hukugy bolmandyr. 1889-nji ýylda iňlis

raýaty Ýu.Reýtler Eýranda Şahinşah bankyny açmaga hukuk alypdyr. Rus telekeçisi Polýakow Tähranda hasap-karz bankyny açypdyr. Bu bank demirgazyk Eýranyň ykdysadyýetini gözegçilik astynda saklapdyr. Iňlis kapitalistik Linç Farun derýasynyň gämi gatnawyny öz elinde saklapdyr, rus senagatçysy Liýanozow bolsa Kaspiý (Hazar) deňizinden balyk tutmak hukugyny öz monopoliýasynda saklapdyr. Iňlis raýaty Arsi Eýranyň bütün nebit baýlyklaryny öz penjesine alypdyr.

Şol bir wagtyň özünde hem daşary ýurtlardan Eýrana getirilýän senagat harytlarynyň möçberi üzül-kesil artypdyr.

Ýurduň oba hojalygy daşarky bazaryň talaplaryna tabyn edilýär, pagtanyň, temmäkiniň we başga tehniki ekinleriň meýdany artýar.

Diňe ykdysadyýet däl, eýsem ýurduň döwlet dolandyryş edaralarynyň hem bir bölegi daşary ýurtlylaryň gözegçiligine geçýär. 1879-njy ýylda rus ofiserleriniň ýolbaşçylygynda eýranlylardan Kazak polky döredilýär. Belgiýaly Naus 1898-nji ýylda gümrük gullugynyň ýolbaşcylygyna bellenilýär.

Şeýlelikde XX asyryň başyna çenli Eýran Russiýa bilen Angliýadan hemme taraplaýyn bakna bolýar.

XIXasyryň ahyrynda ýurduň milli buržuaz intelligent we beýleki watançy güýçleriniň arasynda milli duýgy oýanyp ugraýar. Ýurduň içinde we onuň çäklerinden daşarda ýaşaýan milli intelligensiýanyň wekilleri ýurtda özgertmeleriň geçirilmegini talap edip

Türkiýede Müsürde, Hindistanda gazetler çap edip başlaýarlar (“Kanun”, “Ahtar”, “Kekmat” we başgalar).

Şol gazetleriň sahypalarynda aýry-aýry watançy alymlar Malkon-han, Abd ar-Pahim Talybow we Zeýn al-Abedin Marageýi Eýranda höküm sürýän düzgüni, sah gullukçylarynyň eden etdiligini tankyt edip, sah häkimiýetiniň çäklendirilmegini şahsyýetiň we eýeçiligiň hukuklarynyň we ş.m.leriň berjaý edilmegini talap edipdirler. Töwrüzde we Tähranda dünýewi mekdepler açypdyrlar, kitaphanalar döredipdirler we ol ýerde düşündiriş işlerini geçiripdirler.

Şol bir wagtyň özünde-de islamçylygy wagz edýän guramalar döräp başlady. Dürli gizlin watançy guramalar: 1901-njy ýylda Tähranda, 1905-nji ýylda ýene-de Tähranda dörän “Enjumene manfi” (Gizlin enjumen) we başgalar.

Olar şa emeldarlaryna daşary ýurtlylaryň zor salmaklaryna garşy çykyş edipdirler we birnäçe demokratik özgertmeleriň durmuşa geçirilmegini talap edipdirler.

Şonuň bilen bir hatarda daşary ýurt sütemine we sa düzgüne garşy giň halk hereketleri ýaýbaňlanypdyr. Şolaryň içinde has güýçlileriniň biri Talbat iňlis temmäki kompaniýasyna berilen konsessiýa garşy hereket bolupdyr (189). Netijede şa şol konsessiýany ýatyrmaga mejbur bolupdyr.

1896-njy ýylda Nasir ad-Din şahyň öldürilmegi bilen närazyçylygyň täze sarsgyny bolup geçipdir. XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başynda Eýranyň köp

şäherlerinde “açlyk” bantlary (Maşatda, Töwrizde, Kermanşahda we başgalarda) 1905-nji ýylyň Bitaraplyk aýynda Tähranyň, şah Abdul Azim metjidinde köpçülikleýin ýörişwe best başlanypdyr. Ýörişlere gatnaşyjylar Aýn ad-Douläniň hökümet başyndan gitmegini Nausyň ýurtdan kowulmagyna “adalathananyň” (adalat öýüniň) döredilmegini talap edipdirler.

Şah şu talaplary ýerine ýetirmäni söz beripdir. Emma bitirmändir. Muňa jogap edip märeke ählumumy iş taşlaýyş yglan edipdir: bazarlar we dukanlar ýapylypdyr, best yglan edipdir. Puhanylaryň uly topary närazyçylyk bildirip Kuma gidipdir. Şahdan Aýn ad-Dauläniň iş başyndan aýrylmagyny, konstitusiýanyň girizilmegini we mejlisiň çagyrylmagyny talap edipdirler. Soňra hereket Töwrize, Asfahana, Şiraza we başga şäherlere ýaýrapdyr.

Goşan hem halka duýgudaşlyk bildiripdirler. Şeýle şertlerde şah halka egilişige gitmäge mejbur bolupdyr.

1906-njy ýylyň Gorkut aýynyň 29-na Aýn ad-Doula iş başyndan aýrylypdyr, onuň ýerine liberal pikirli Nasrolla han Moşir ed-Doula bellenipdir.

Alp Arslan aýynyň 5-de konstitusiýanyň girizilýändigi hakynda şa permany çap edilipdir. Şonuň bilen halk hereketi gowşapdyr. Emma soňra şa mejlise saýlawlar hakyndaky düzgünnamany tassyklamakdan boýun gaçyrypdyr.

Halkyň çykyşlary täze, güýç bilen ýokary göterilipdir, bu has hem Töwrizde güýçli bolupdyr. Bu ýerde Ali Mosýonuň baştutanlygynda sosial-demokratik topar hereket edipdir. 1906-njy ýylyň Ruhnama aýynda ählumumy iş taşlaýyş başlanypdyr, täjirlerden, ruhanylardan, ýer eýelerinden Eýranda ilkinji enjumenler (komitet) döredilipdir, olar şa häkimiýetleriniň işlerine gözegçilik edip ugrapdyrlar, Mojahidler (hak iş üçin göreşijileriň) guramasy esaslandyrylypdyr.

Halk hereketiniň zory astynda şa Ruhnama aýynyň 9-da mejlise saýlawlar hakyndaky düzgünnamasy tassyklamaga mejbur bolupdyrlar. Ol saýlawlar iki basgançakly kurial görnüşde geçirilip 6 soslowiýany gatlagy (şazadalar, gaçarlar, ruhanylar, feodal begler, täjirler, ýer eýeleri we ekerançylar, hünärmentler) öz içine alypdyr. Aýallar, işçiler, oba we şäher garyplary, ownuk söwdagärleriň we hünärmentleriň köpüsi saýlaw bukunlaryndan mahrum edilipdir.

1906-njy ýylyň Garaşsyzlyk aýynyň 7-de mejlis işe başlapdyr. Onda agalyk ediji gatlaklaryň wekilleri ornaşypdyrlar. 1906-njy ýylyň Garaşsyzlyk-Bitaraplyk aýlarynda mejlis birnäçe gerekli kararlar kabul edipdir. Çäregiň iň ýokary bahasyna kesgitläpdir, hökümetiň täze daşary ýurt zaýmyny karzyny almak hakyndaky teklibini red edipdir, eýran milli bankynyň taslamasyny ara alyp maslahatlaşypdyr (rus-iňlis banklarynyň garşysyna).

Şonuň bilen bir wagtda mejlis ýurduň esasy kanunyny taýýarlamagyň üsunde işläpdir. 1906-njy ýylyň Bitaraplyk aýynyň 30-da Mozaffar ed-Din şah esasy kanuny tassyklapdyr.

Şol esasy kanuna görä şahyň häkimiýeti mejlis tarapyndan çäklendirilýär. Mejlis ähli kanunlary we budjeti tassyklaýar we onuň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär. Konsessiýalar bermek, daşary döwletler bilen zaýmlar, şertnamalar we ylalaşyklar baglaşmak diňe mejlisiň razylygy bilen baglaşyp bilýär. Aşaky palatadan (mejlis) başgada ýokarky palatanyň (senat) döredilmegi göz, öňünde tutulýar.

Ýöne senat döredilmän hem galypdyr. 1907-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynda Mozaffar ad-Din şa ölýär, onuň ýerine reaksion pikirli ogly Muhammet Ali şah geçýär. Täze şah mejlis aç-açan ýigrenç gözi bilen garapdyr we oňa garşy goşun toplap ugrapdyr. Emma muňa garşy başlanan halk hereketinden heder edip yza çekilipdir. Şah mejlisiň talapy boýunça Nausy boşatmaga we konstitusiýany girizmäge mejbur bolupdyr.

Şeýlelikde ynkylabyň I etaby tamamlanýar. Soň halk hereketiniň içinde bölünşik başlanýar. Şah reaksion Amin a-Sultane diýen adamy daşary ýurtdan çagyrypgetirip Moşir ad-Douläniň ýerine birinji ministr edip belleýär.

Emma ol şol ýylyň Alp Arslan aýýnda gedaý Abbas Aga tarapyndan öldürilýär.

1907-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynda şah esasy kanunyň goşmaçalaryna gol çekýär. Bu Eýran konstitusiýasynyň has möhüm bölegidir. Bu goşmaçalarda kanunyň öňünde ähli adamlaryň deňhukuklygy jar edilýär. Häkimiýeti bölüşmegiň prinsipleri bellenýär: kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we Sud ondan başgada şahsyýetiň we eýeçiligiň el degrilmesiz hukuklary görkezilýär, yslama ters gelmese, söz metbugat, jemgyýetçilik, ýygnaklar hukuklary ykrar edilýär. Şerigat kaziýetleri bilen bir hatarda dünýewi kaziýetler döredilýär. Siizm döwlet dini diýip tassyklaýar.

Ruhanylara köp hukuklar we ýeňillikler berilýär. 1907-nji ýylyň iňlis-rus ulalaşygy boýunça Eýran täsir sfera ulgamlaryna bölünýär kasre Şirin-Isfagan-Ýezd-Julfagar limiýasyndan demirgazyga täsirinde diýip bellenýär.

1908-nji ýylda kazaklar brigadasy Tähranda reaksion döwlet agdarlyşygyny geçirdi. Şondan soň gozgalaňyň merkezi Töwrize geçdi.

**Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanynda Garaşsyz hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Eýran Yslam Respublikasy bilen alyp barýan ykdysady, syýasy we medeni gatnaşyklary.** 2007-nji ýylyň 14-nji fewralynda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň iş başyna gelmegi bilen Türkmenistan ýurdumyzyň daşary syýasatyny has-da işjeňleşdi. Gysga taryhy döwrüň içinde Ýurt

baştutanymyz dünýäniň dürli ýurtlaryna taryhy saparlary amala aşyrdy. Döwletimiziň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri-de Orta Gündogarda ýerleşýän dostlukly döwletler bolup durýar. Türkmenistan döwletimiziň goňşusy Eýran Yslam respubliksay bilen gatnaşyklar soňky ýyllarda has-da işjeňleşýär.

2007-2008-2009-2010-njy ýyllarda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow bu döwletde ençeme ýola saparlarda bolmak bilen goňşuçylyk gatnaşyklaryny ýygjamlaşdyrmakda, özara bähbitli hyzmatdaşlygy giňeltmek bilen baglanyşykly uly işler edildi.

Häzirki döwürde EYR-sy bilen Türkmenistanyň arasynda gurluşyk, oba hojalygy, nebit-gaz pudaklarynda netijeli işler alnyp barylýar. 2010-njy ýylyň ýanwarynda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Eýran Yslam respublikasynyň prezidenti Mahmud Ahmedinežat bilen Döwletabat-Sarahs-Hangeran gaz geçirijisiniň işine ak ýol açdylar. Türkmen gazy goňşy döwletimize akdyryldy. Umuman alnanda türkmen-eýran gatnaşyklarynyň uly geljegi bardyr.

## Tema: Eýran XX asyryň 20-30-njy ýyllarynda

Eýran birinji Jahan urşy ýyllarynda güýçden gaçan we tozdyrylan ýurda öwrülipdir we agyr ýagdaýy başdan geçiripdir.

Ýurt paryşa Russiýanyň we Angliýanyň goşunlary tarapyndan yşgal edilipdir, merkezi hökümet gowşap ýerli taýpa hanlary, döwlet emeldarlary halky rehimsiz talapdyrlar. Eýrany gutarnykly suratda bölüşmek üçin Angliýa we Russiýanyň arasynda gepleşikler alynyp barylypdyr. Russiýada Oktýabr rewolusiýasynyň (ynklabynyň) çstçn çykmagy bilen Russiýanyň Günbatar bileleşikden çykmagy Eýrany doly baknalykdan halas edipdir.

Sowet hökümeti Eýrany bölüşmek baradaky şartnamadan el üzýändigi, rus goşunlarynyň ýurtdan çykarylýandygy, eýran halkyna öz ykbalyny özüniň kesgitlemegine hukuk berilýändigi barada beýannama bilen çykyş etdi. Rus goşunlary hakykatdan hem Eýrandan çykarylyp başlandy.

Şonuň bilen bir wagtda eýran halkynyň milli azatlyk we demokratik hukuklar ugrynda hereketi başlandy. Ýurdyň demirgazygyndaky Gilan welaýatynda Küçek hanyň baştutanlygynda jeňňellileriň gozgalaňy ady bilen daýhanlaryň çykyşlary giň gerim aldy.

1918-nji ýylyň tomsynda rus goşunlarynyň ýurtdan çykarylmagyndan peýdalanyp, iňlisler bütin ýurdy eýelemek üçin demirgazyk welaýatlara hem goşun saldylar we Peşt hem Enzeli şäherleriniň basyp aldylar.

Emele gelen amatly ýagdaýdan peýdalanyp, Angliýa Eýrany 1919-njy ýylyň baknalyk şertnamasyna gol çekmäge mejbur edýar. Şol resminama laýyklykda Eýran hakyklat ýüzinde Angliýanyň protektoratyna öwrülýärdi, Eýranyň ähli graždan we harby edaralary iňlis geňeşçileriniň görkezmesi boýunça işlemelidi, ýurt Angliýanyň bazaryna öwrülýardi.

Sowet hökümeti 1919-njy ýylyň oguz aýyndaky beýannamasynda Russiýanyň Eýrandaky ähli hukuklaryndan we agalygyndan el çekýandigini, 600 m rubl barabar rus raýatlarynyň emlägini mugt Eýrana berýandigini jar edýär. Sowet hökümetiniň Eýrana iberilen resmi wekili Koloniýsew ýolda iňlisler tarapynda tutulyp öldürilýär.

Angliýanyň sütemine garşy ýurdyň dürli ýerlerinde halk gozgalaňlary ýokary göterilýar. 1920-nji ýylyň başynda ähli Häzerbeýjany öz içine alan Töwriz gozgalaňy, bu ýerde özbaşdak döwletiň jar edilmegi bilen uly üstünliklere eýe bolýar, Häzerbeýjan „Azadystan“ diýilip yglan edilýar. Bu gozgalanyň başynda Muhammet Hiýabany durýar. Emma gozgalanyň ýolbaşçylary gowşaklyga ýol berýarler, öz maksatlaryny kesgitläp bilmeýärler, we aldawyň pidasy bolýarler. Hiýabany we egindeşleri haýynlyk bilen öldürilýärler.

1920-nji ýylyň Gurbansoltan aýynda Bakuda sowet häkimiýetiniň dikeldimegi we gyzyl goşunyň akgwardiýaçylary yzarlap Enzeli şäherini eýelemegi iňlis goşunlaryny ol ýerden gaçyp gitmäge mejbur etdi

we şa hökümetine garşy göreşde amatly ýagdaý döretdi. Baknalyk şertnamasyna gol çeken Wasud ed-Doýleniň hökümeti iş başyndan aýryldy. Täze hökümet 1919-njy ýylyň şertnamasyny togtatmaga mejbur boldy. Moskwa bilen diplomatik gatnaşyklar ýola goýuldy.

1920-nji ýylyň tomsyndan başlap milli-azatlyk hereketiň merkezi Gilanda jemlendi. Bu ýerde Kuçek hanyň baştutanlygynda rewolusion hökümet döredildi. Bu hereketiň çep ganatyna Ehsenulla ýolbaşçylyk edýardi. Ýaňy döredilen kommunistik partiýa hem olar bilen bilelikde hereket edýardi. Emma olaryň arasynda agzybirlik ýokdy. Her haýsy öz goşunyna ýolbaşçylyk edýardi. Olara goşulan kürt bölümlerine ýolbaşçylyk edýan Gurban atly daýhan serdary hem özbaşdak hereket edýardi.

Haçanda gozgalaňçylar şa goşunlaryny Gilýandan kowup ol ýerde öz häkimýetlerini döreden pursatlarynda gozgalaňçylaryň aýry-aýry toparlarynyň arasynda güçli agzalalyk ýüze çykýar. 19. VII. 1920-nji ýylda Küçek-han Reşti terk edip tokaýa jeňňele gidýar. Ehsanulla Reştde Eýranyň wagtlaýyn rewolusion komitetini döredýar we oňa kompartiýanyň wekilleri hem girýar. Wagtlaýyn hökümet bir näçe çepçi (eýranyň şertlerine ýat) çäreleri durmuşa geçirmäge girişýar- ýeri we emlägi eýeleriniň ellerinden alýar, hususy söwdany gadagan edýar, ownyk ussahanalary ýapýar ruhanylara garşy göreş yglan edýar. Bu çäreler

hereketiň köpçülik tarapyndan goldawyny opurýar, halk hereketine örän uly zyýan ýetirýär.

Şeýle şertlerde eýran goşunynyň polkownigi Reza han 21. II. 1921-nji ýylda harby döwlet agdarlyşygyny guraýar. Ol sowatsyz , ýöne edenliligi we erkliligi bilen goşunyň arasynda uly abraýdan peýdalanypdyr. Goşun paýtagta girýar we öňki hökümetiň agzalaryny tussag edýar. Täze hökümetiň balyklygyna Ziýa ed-Din bellenýar. Reza han harby ministr wezipesini eýeleýar.

Täze hökümet halkyň ýagdaýyny gowlandyrmak boýunça köp zatlar söz berýar. 26. II. 1921-nji ýylda sowet-eýran şertnamasyna gol çekilýar.

Şu wakalarda soň Angliýa ýurtda öz goşunlaryny saklap bilmejegine gözüni ýetiripdir we 1919-njy ýylyň şertnamasyny ýatyrmaga razylyk bermäge mejbur bolupdyr. Onyň döwlet agdarlyşynyň kömegi bilen ýurtda öz pozisiýany saklap galmaga eden umydy puja çykypdyr.

Reza han milli goşuny berkitmekligiň, merkezi hökümeti güýçlendirmegiň, elgarama dçzgçniň aradan aýrylmagynyň, ykdysadyýeti ösdürmegiň zerurdygyna düşünipdir. Iňlis instruktorlary goşundan (işinden) boşadylypdyr, olaryň tälim beren gunorta eýran atyjylarkorpusy dargadylypdyr, goşun täzeden özgerdirip guralypdyr. Küçek han IX. 1921-nji ýylda Giladyň hereket eden kommunistik guramalary derbi-dagyn edipdir, olaryň ýolbaşçylaryny ähdiýalanlyk bilen öldüripdir. Bu ähli watançylyk hereketine uly zyýan ýetiripdir. 1921-nji ýylyň ahyrynda Gilýan

hökümet goşunlary tarapyndan eýelenipdir, Küçek han we ýolbaşçylary öldürilipdir.

Gilan gozgalaňy ýeňilenden soň goşun serkerdesi Mämmet-Tagi tarapyndan baştutanlyk edilen Horasan toparlarynyň gozgalaňy hem basylyp ýatyrylypdyr. Ol gozgalaňlarynyň ýeňilmeginiň esasy sebäbi içerki agzalalyklar bolupdyr.

Eýranda hökümetleriň yzly-yzyna çalyşyp durandygyna garamazdan Reza han butnaman harby ministriň wezipesini eýeläp gelipdir, onyň abraýy gitdigiçe artypdyr, ol çäklendirilmedik häkimiýetiň eýesi bolmaga çalşypdyr. Ahyrda ol XII 1925-nji ýylda ýurtda häkimýeti ähli dolylygy bilen basyp alýar. Onyň tarapdarlaryndan düzülen geňeş ýygnagy ony şa saýlaýar. Täze nesilşalyga Pehlewi diýen ady kabul edip alýar.

Reza Pehlewi senagaty, transporty ösdürmek we daşary ýurtly kompaniýalaryň eden etdiligini çäklendirmek boýunça bir näçe çäreleri durmuşa geçirýär. Şeýlelikde Angliýanyň bu ýurdy öz gysymynyň eline almak pygyly puja çykýar we Eýran öz garaşsyzlygyny saklap galýar.

Reza hanyň häkimiýet başyna gelmegi bilen bir näçe täze kanunlar kabul edilýar, jenaýat kodeksi (1927), raýat kodeksi (1929), ýer eýeçilik kanuny (1928), ýer kärendesine bermek hakyndaky kanun (1930), döwlet ýerlerini satmagyň kadalary (1934), we ş.m-ler. Ýerleriň köp bölegi baýlaryň we taýpa hanlarynyň elinde jemlenýär. Reza şah müňlerçe obalary öz içene

alýan uly ýer eýesine öwrülýar. Daýhanlara bolsa ujypsyz ýer galýar.

Ýer agaç azallar we malalar, pil, kätmen bilen bejerilipdi. Oba hojalyk tehnikasy bolmandyr, daýhanlar, gazyp ýagdaýda ýasapdyrlar, uçdantutma sowatsyz bolupdyrlar.

Şeýlede bolsa ýurtda milli senagat ösüp başlapdyr, ýurdyň demirgazygynda oba hojalygynda hakyna tutma zähmete daýanýan iri kärhanalar peýda bolupdyr, ýuwaş-ýuwaşdan kapitalistik gatnaşyklara ýol açylypdyr.Ýurtda daşary ýurtlykompaniýalaryň eden etdikligi çäklendirilipdir we milli kärhanalryň ösmegine degişli şertler döredilipdir. 1928-nji ýylda Eýranyň Milli banky açylypdyr. 1929-1933 nji ýyllaryň dünýa ykdysady çökgunligi (krizisi) eýranyň ykdysadyýetine güýçli zarba urupdyr. Eksport kemelipdir. Bu bolsa Eýranyň oba hojalygyna agyr urgy bolupdyr. Bu ýagdaýyn garşysyna çäre hökmünde Eýran hökümeti daşardan getirilýan harytlaryň mukdaryny çäklendirilipdir.

Hökümetiň gorag çäreleri milli senagatyň ösmegi üçin amatly şertler döredipdir. Netijede dokma we oba hojalyk önümlerini isleýan senagat ep-esli üstünlikler gazanypdyr. 1940-nji ýylda Eýranda 25 sany nah, 8 sany ýün mata dokaýan kärhana temmäki, deri, otlyçöp, 8 sany gant, sement, we onlarça pagta arassalýan kärhanalar işläp başlapdyr. 1928-1938-nji ýyllar arasynda Eýranda trans seýran demir ýoly, umumy uzynlygy 20 müň km barabar gara ýollar guralypdyr.

20-30-njy ýyllarda Eýranda medeni özgertmeler durmuşa geçirilipdir, dünýewi mekdepler açylypdyr, şol sanda aýal-gyzlar üçin Tegeran uniwerstiteti (1934), mugallymçylyk instituty açylypdyr. 1935-nji ýylda purenjek purenmek gadagan edilipdir, ýewropa eşigine geçmek hakynda dekret kabul edilipdir, feodal titullary ýatyryp familýalar girizilipdir, gun kalendaryna geçilipdir. 1935-nji ýylda dil we edebiýat Akademiýasy açylypdyr.

1937-nji ýylda Eýran Saadabat şertnamasyna gol çekdi. SSSR bilen täze şertnama gol çekmekden ýüz öwürdi.Şeýlelik bilen II Jahan urşynyň öňi syrasynda iki ýurdyň aragatnaşyklaryna sowuk-salalyk aralaşdy. Onuň ýerine Eýranda Germaniýanyň täsiri güýçlendi. 25. VIII. 1941-nji ýylda SSSR 1921-nji ýylda şertnamasynyň 6-nji maddasyny esasynda demirgazyk Eýran goşun saldy. Şonyň bilen bir wagtda iňlis goşunlary gunorta Eýrana girdiler.

Reza şah öz ogly Muhammet Rezanyň haýryna tagtdan el çekmäge mejbur boldy.

29. I. 1942-nji ýylda SSSR Beýik Britaniýa we Eýran döwletleriniň arasynda şertnama gol çekildi. Şol şertnama esasynda SSSR-iň we Angliýanyň goşunlary uruş gutarandan soň aýlyk möhlete çenli Eýranda galýarlar. Eýran şol möhlete çenli soýuznikler bilen hemme ugurlarda arkalaşyk etmegi we olara ähli aragatnşyk enjamlaryny bermäge borç alyar. 1942-nji ýylyň şertnamasy esasynda Eýranyň ýeriniň üstlşi bilen SSSR-e harby serenjamlar we materiallar bökdençsiz

daşaldy. 9.IX. 1943-nji ýylda Eýran Formal taydan Germaniýa uruş yglan etdi, ýöne Eýran goşunlary uruş hereketlerine gatnaşmadylar.

11. XII. 1943-nji ýylda Tähran konferensiýasyna gatnaşyjy üç döwletiň ýolbaşçylary Eýrana ykdysady kömek bermek hakynda söz berdiler.

ABŞ Eýranda Angliýanyň täsiriniň gowşamagyndan peýdalanyp bu ýurtda ornaşmaga jan etdi. Muňa olaryň öz adamsy, Eýranyň premýer-ministri Kowam al-Soltane goldaw etdi. Netijede eýran-amerikaň Söwda Şertnamasyna gol çekildi. 1942-nji ýylyň ahyrynda ABŞ-nyň harby harytlaryny daşamak bahanasy bilen bu ýurda öz goşunlaryny saldy we eyranyň iki portyny we demir ýoluň günorta bölegini öz ygtyýaryna aldylar.

1943-nji ýylda ykdysady maslahatçylar tarapyna ýolbaşçylyk etmek we maliýe serişdelerini dolandyrmak üçin Milspo eýrana çagyryldy. Emma onuň çäreleri hiç hili netije bermedi we ol II. 1945-de ýurdy terk etmek boldy.

## Tema: II Jahan urşundan soň Eýranda milli azatlyk we demokratik hereketiň ýokary göterilmegi.

Ikinji jahan urşundan soň Yakyn Gündogar ýurtlarynda täze güýç bilen ýokary göterilen milli-azat

edujilik we demokratik hereket Eýrany hem öz işini aldy.

Eýran Häzirbegjanda we Kürdistanda has giň gerim alan bu çykyşlaryň gidişinde bu welaýatlaryň halk köpçüligi bu ýerlere milli awtonomiýa hukuklarynyň berilmegini we demokratik dolandyryş düzgüniniň girizlmegini talap edýärdiler. Munyň özi belli bir derejede şah hökümetiň san taýdan az milli toparlary eýranlaşdyrmak syýasatyna gaýtaw bolup ýaňlanýardy. Şeýle hem bu güýçler Sowet Soýuzynyň ýolbaşçylarynyň goldawyndan peýdalanýardylar, çünki sowetler olaryň kömegi bilen Eýran döwletiniň syýsatyna täsir etmäge umyt baglaýardylar.

Eýran Häzirbegjanda we Kurdistanda bu herekete ýerli Demokratik partiýalar ýolbaşçylyk edýärdiler- 1945-nji ýylyň Sanjar aýynda Eýran Häzirbegjanynda, Bitaraplyk aýynda bolsa Kürdistanda bu welaýatlaryň awtonomiýasy jar edilýär we ýerli hökümdarlar döredilýär.

Bu ýerde awtonom düzgüniniň ýaşan döwrübde (Sanjar 1945- Bitaraplyk

1946 ý.) ýerli öz-özüni dolandyryş guramalary döredildi, ýer gatnaşyklarynda özgertmeler geçirildi, durmuş ätiýaçlandyryjy kanunlar kabul edildi, 8 sagatlyk iş güni bellendi, aýallaryň erkekler bilen deňhukuklylygy jar edildi, Häzirbegjan dili döwlet dili hukugyny aldy. Eýran Kürdüstanda hem şeýle çäreler durmuşa geçirilip başlandy.

Eýran Häzirbegjanynda we Kürdüstanda bolup geçýän wakalar ýurduň beýleki welaýatlaryna hem öz täsirini ýetirýärdi we eýran häkimýetlerini ynjalykdan düşürýärdi. Häzirbegjan we Kürt demokratlarynyň hereketini ýazgarmak bilen Eýran hökümeti hatda “eýran meselesini” BMG howpsyzlyk maslahatynda goýdylar.

1946-njy ýylyň başynda häkimiýet başyna gelen Kawam es-Saltenäniň hökümeti SSSR bilen gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak we ýurtda degişli özgertmeleri geçirmekligi söz bermek bilen sowet goşunlarynyň Eýrandan çalt çykarylmagyny gazanmaga çalyşdy. Şu ugurda ol bir näçe çäreleri durmuşa geçirmäge girişdi-zähmet hakynda, daýhanlara döwlet ýerlerini mugt paýlamak hakynda kanunlary kabul etdi.

1946-njy ýylyň Gurbansoltan aýynda SSSR bilen Eýranyň arasynda şertnama gol çekilip, onda 1,5 aý möhletde sowet goşunlaryny Eýrandan çykarmak sowet Eýran  nebit şerikatyny döretmek, Eyran Häzirbegjanyň meselelerini parahatçylykly ýol bilen çözmek barada ylalaşyga gelindi.

1946-njy ýylyň Gorkut aýynda Häzirbegjanyň ýerli awtonomiýa hukuklary Eýran hökümeti tarapyndan ykrar edilipdir. Şeýle hukuklar Kürdistana hem berilipdir.

Emma 1946-njy ýylyň tomsunda ähli ýurt boýunça demokratik güýçlere garşy açyk hüjüm başlapdyr we Häzirbegjanyň we Kürdistanyň awtonomiýasy

baradaky meseläniň ýowuz ykbaly öňünden doly äşgär bolupdyr.

1946-njy ýylyň tomsunda Fars welaýatynda “Günortanyň hereketi” diýilip atlandyran taýpalaryň çykyşlary başlanypdyr we onuň ýolbaşçylary hökümetden Eýrany bölmek synanşyklarynyň ýok edilmegini Häzirbegjanda we Kürdistanda awtonomiýa gürrüňiniň soňuna çykmagy talap edipdirler. Elbetde bu çykyşlaryň Eýran hökümetiniň görkezmesi boýunça guralandygyny aňlamak kyn zat däldir.

Eýran hökümeti emele gelen pursatdan peýdalanyp, Farsdaky çykyşlary “milli bütewilik” diýip yglan edipdir demokratik herekete gatnaşyjylaryň üstüne hüjüme başlapdyr. 1946-njy ýylyň Bitaraplyk aýynyň 1-da Eýran Häzirbegjanyň we Kürdistanyň ýerlerine goşun bölümlerini salypdyr, watany demokratlardan ganly öç alyş başlanypdyr.

Häźirbegjanyň we Kürdistanyň öz özüňi dolandyryş guramalary derbi-dagyn edilipdir, demokratik çäreler ýatyrylypdyr müňlerçe watançylar öldürilipdir, tussag edilipdir we surgunlere kuwulupdyr, olaryň bir bölegi Sowet Soýuzyna emigrasiýa edipdir. Soňra öç alyş çäreleri çepçi guramalara garşy başlanypdyr.

Watançy güýçleriň hereketi basylyp ýatyrylandan soň Kawanyň hökümeti harby meselelerde hyzmatdaşlyk etmek üçin ABŞ bilen birnäçe ylalaşyklara gol çekipdir.

ABŞ Eýrana ýarag we harby enjamlar satyn almak üçin uly kredir (karz) pulberipdir. Täze mejlis daşary

ýurtlara Eýranda nebit konsesiýalaryny bermegi gadagan edýän kanuna salgylanmak bilen Demirgazyk Eýranyň nebit baýlyklaryny bilelikde özleşdirmek hakyndaky sowet soýuzy bilen baglanşylan şertnamany tassyklamandyr.

## Tema: Eýranyň nebit baýlyklaryny milllileşdirmek ugrundaky göreş.

Watançy güýçleriň hereketi basylyp ýatyrylandan soň Kawamyň hökümeti harby meselelerde hyzmatdaşlyk etmek üçin ABŞ bilen bir näçe ylalaşyklara gol çekipdir.

ABŞ Eýrana ýarag we harby enjamlar satyn almak üçin uly kredit ( karz ) pul beripdir. Täze mejlis daşary ýurtlara Eýranda nebit konsesiýalaryny bermegi gadagan edýän kanuna salgylanmak bilen Demirgazyk Eýranyň nebit baýlyklaryny bilelikde özleşdirmek hakyndaky Sowet Soýuzy bilen baglaşylan şertnamany tassyklamandyr.

Şol bir wagtyň özünde hem Eýranyň esasy nebit baýlyklaryny öz elinde saklaýan Eýran-Iňlis nebit kompaniýasynyň iş düzgüni baradaky mesele gozgalýär.

Eýranyň içinde özbaşdak döwlete öwrülen Iňlis-Eýran nebit kompaniýasy (AINK) 1947-nji ýyldan başlap Eýranyň syýasy toparlary üçin esasy meselä

öwrüldi, çünki onyň eden etdiligi çekip çydap ýaly däldi.

1947-nji ýylda kompaniýanyň ähli gazyp alýan nebitiniň diňe 9% Eýranyň paýyna düşýärdi. Eýranyň konsessiýa tölegi diýilip berilýän pulyň mukdary kompaniýanyň Angliýanyň hökümetine salgyt görnüşinde töleýän pulynyň mukdarandaky köp däldi.

Adalatsyzlygyň şeýle derejä baryp ýetmegi, ýurtda ykdysady ýagdaýyň erbetleşmesi, eksportyň azalmagy, rialyň hümmetiniň pese gaçmagy, bahalaryň ýokary göterilmegi ilatyň esasy köpçüliginiň durmuş derejesiniň pese gaçmagy Eýran hökümetini 1948-nji ýylda AINK kompaniýasyna bir näçe talaplar bilen ýüz tutmaga mejbur etdi:

Eýranda amerikan täsiriniň güýçlenmeginden howatyr edip AINK amerikanparaz Kawamyň hökümetiniň iş başyndan aýrylmagyny gazanypdyr. Şondan soň Eýranda iňlis-amerikan bäsdeşliginiň güýçlenmegi bilen baglanşykly Eýranda hökümet hälişindi çalşyp durupdyr. Ýurtda ýagdaýyň erbetleşmegi bilen baglanşykly "Fedaýane yslam" toparlary tarapyndan geçirilen bir näçe terrorçylyk aktlarynyň, şol sanda 1949-nji ýylyň Baýdak aýynda şanyň janyna kast edilmegi bilen öz beýanyny tapypdyr. Şu wakadan soň ýurtda harby ýagdaý girizilýär we ýeke-de zulum güýçlenipdir.

Şonyň bilen bir hatarda Eýran nebitini millileşdirmek ugrundaky göreş dowam edipdir. Ýurdyň nebit baýlyklarynyň millileşdirmegi üçin işewir

toparlaryň agram bölegi, intelligensiýanyň wekilleri, „ bazar adamlary bolan söwdegärler we hünärmentler, şygaruhanylarynyň görnükli wekilleri çykyş edipdirler.

Bu toparlaryň bir bölegi 1949-nji ýylyň güýzünde mejlise bolan saýlawlara taýarlyk döwründe Milli jebhe (национальный фронт) görnüşinde syýasy taýdan emele gelipdir. Milli jebhäniň işine Eýranyň görnükli syýasy işgärleriniň biri doktor Muhammet Mosaddyk (1879-1967) ýolbaşçylyk edipdir. Ol Eýranyň garaşsyz daşary syýasat alyp barmagy we hukuklarynyň çäklendirilmegi ugrynda çykyş edipdir.

1949-1953-nji ýyllarda milli jebhäniň (НФ) özenini „Eýran“ partiýasy düzüpdir, ýöne onyň düzümine başgada bir näçe jemgiýetçilik we syýasy toparlar, şol sanda A. Kaşani tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän „Mojahedine yslam“ guramasy giripdirler.

1950-nji ýylyň tomsynda döredilen nebit meseleleri boýunça ýörite parlament topary Eýranyň ähli ýerlerinde nebit senagatyny millileşdirmegiň zerurdygy hakynda netijä gelipdir. Soňky ýylyň 15-ne Nowruz aýynyň mejlis, 20-sine bolsa senat nebit senagatyny millileşdirmegi karar edipdirler. Gurbansoltan aýynda parlament nebit senagatyny millileşdirmegiň tertibi hakynda kanun kabl edipdir we onyň durmuşa geçirilmegini 1951-nji ýylyň Gurbansoltan aýynyň 29-da düzülen Mosaddygyň hökümetine tabşyrylypdyr.

Nebit bazarlaryna we tanker flotyna gözegçilik edýän Angliýanyň hökümeti we Halkara nebit

konsorsiýamynyň ýolbaşçylary Eýrany millileşdirmek meýillerinden el çekdirmek üçin ähli mümkin bolan çäreleri görüpdirler we oňa zor salypdyrlar. Netijede Eýranyň ykdysadyýeti örän agyr ýagdaýa düşüpdir. Dünýäde iň ir kärhanalaryň biri Abadanyň nebit önümlerini işleýän toplumy öz işini togtadypdyr. Muňa jogap edip Mosaddygyň hökümeti degişli çäreler görmäge, şol sanda Angliýa bilen diplomatik gatnaşyklary kesmäge mejbur bopudyr.

Milli jebhe bilen şa köşgüniň arasyndaky gapma-garşylygyň güýçlenmegi netijesinde 1952-nji ýylyň tomsynda Mosaddygy hökümet başyndan aýyrmaga synanşyk edilipdir. Muňa jogap edip Tähranda ähliumumy gozgalaň başlapdyr. Şa gorkasyndan Mosaddygy premýer ministr wezipesine bellemäge mejbur bolupdyr, şeýle hem ony harby wezipesine belläpdir. Mosaddykyň wezipesine gaýtadan dikeldilmegini talap edip çykyş edenleriň arasynda çepçi demokratik guramalar şeýle hem musulman toparlarynyň wekilleri bolupdyr.

Emma Mosaddyk özüni goldap çykyş eden ähli güýçler bilen hemişe jebisligi saklamagyň zerurdygyna ýeterlik üns bermändir, amerikanlaryň goldawy bilen hereket etmegi dogry hasap edipdir bu meselede iňlisler bilen amerikanlaryň arasyndaky gapma-garşylykdan peýdalanmak isläpdir. ABŞ eýran wakalarynyň beýleki nebit çykarýän ýurtlara ýaýramagyndan gorkyp Mosaddygy goldamandyr.

1952-nji ýylyň tomsyndaky wakalardan soň Milli jebhäniň (НФ) düýpli agzalalyklar ýüze çykypdyr we gurama bir näçe toparlara bölenipdir. Milletçiler we yslam toparlary Mosaddykdan bölünip aýrylyp inyň garşydaşlarynyň toparyna geçipdir. НДП Mosaddykdan günbatar, döwletler bilen doly arany üzmegi talap edipdirler we ony amerikanparazlykdan aýyplapdyrlar.

1953-nji ýylyň Alp-Arslan aýynyň 19-a döwlet agdarlyşygynyň netijesinde Mosaddygyň hökümeti agdarylýär, ýurtda harby-poliseý düzgün dikeldilýär, täze gandöküşikli repressiýalar başlanýär. Ähli syýasy partiýalar gadagan edilýär.

Döwlet agdarlyşygynda esasy utan amerikanyň nebit kompaniýalary bolýär. 1954-nji ýylyň Ruhnama aýynda Eýran bilen Halkara nebit kompaniýasynyň arasynda gol çekilen ylalaşyga görä aksiýalar aşakdaky tertipde bölüşilýär: amerikan kompaniýalary aksiýa paýlarynyň 40%, AINK-40%, iňlis-golland kompaniýasy -14%, fransuz kompaniýasy 6% alýarlar.

Ylalaşyk boýunça konsarsiumyň maliýe girdeýjilerniň 50% Eýraňky bolmaly bolan bolsa, hakykat ýüzünde Eýranyň paýy 30% köp bolmandyr.

Häkimiýet başyna gelen general Zahediniň hökümeti Günbatar döwletler, birinji nobatda ABŞ bilen harby, ykdysady we medeni aragatnaşyklary güýçlendirmek meselesini öňe sürüpdir. Şah bu ugra „peýdaly millilik“ diýip at beripdir. Şeýle şertlerde amerikanyň Eýrana tehniki ykdysady we harby kömegi üzül-kesil artypdyr. 1955-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynda

Eýran Bagdad harby Birleşigine giripdir, 1957-nji ýylyň Nowruz aýynda „Eýzenhauryň daktrinasyny „ kabul edýär, 1959-nji ýylda amerikan-eýran harby ylalaşygyna gol çekilýär.

50-nji ýyllaryň ortasynda Eýranyň syýasy durmuşynda bolup geçen möhüm wakalaryň biri hem şol ýyllardan başlap şa Muhammet Reza Pehlewiniň „şahsy häkimýetiniň güýçlenmegidir.

## Tema: 60-njy ýyllaryň agrar özgertmeleri. (Ak ynkylap)

1963-nji ýylyň referendumy esasynda şa tarapyndan kabul edilen özgertmeleri toplumy özümiň esasy maksady boýunça eýran obalarynda yzagalak ýer eýeçilik gatnaşyklaryny ýok etmek we eýran jemgyýetçilik gatnaşyklaryny häzirki zaman derejesinde täzelemeklige gönükdirilipdir. Bu özgertmeler resmi taýdan “ak ynkylap”, ýa-da şa bilen halkyň özgertmeleri adyny alypdyr.

Jemi 19 özgertmeden iň möhümi ýer paýlaşygy (agrar özgertmeler) bolupdyr. ol üç stopda durmuşa geçirilipdir. Şol özgertmeler esasynda hususy ýer eýeçiliginiň ýokary çägi 500 ga diýilip bellenipdir we onuň artykmaç olegi töleg bilen eýesiniň elinden alynyp, ýersiz ýa-da az ýerli daýhanlaryň arasynda ýeriň bahasyny 15 ýyl möhletde üzlüşmek şerti bilen paýlanypdyr. Bu ýer paýlanşygynyň ikinji bir şerti ýeri tehnika bilen bejermek we onda hakyna tutma zähmeti,

ulanmak bolupdyr. özgertmeleriň netijesinde obada ýarym feodal gatnaşyklar ýok edilipdir, ýerden peýdalanmagyň usullary üýtgäpdir, daýhanlaryň agram bölegi ownuk haryt hojalygyny alyp barýan ýer eýelerine öwrülipdirler. Resmi maglumatlara görä 1971-nji ýylyň ahyryna takmynan 2,5 mln daýhan hojalygy ýer eýelerine öwrülipdirler.

Şonuň bilen bir wagtda köpsanly daýhan hojalyklary täze şertlere uýgunlaşyp bilmän tozup gidipdirler we şäherlerde iş gözlemäge mejbur bolupdyrlar.

Oba hojalyk özgertmelerinden daşgary hem bir näçe çäreler hem durmuşa geçirilipdir: Tokaýlar, öri meýdanlary millileşdirilipdir, döwlet kärhalary hususy eýeçilige berilipdir, işçiler döwlet kärhanalarynyň paýdarlygyna çekilipir, sowatsyzlygy ýeňip geçmek üçin magarif korpuslary döredilipdir, aýllara saýlaw hukugy berilipdir. Soňraky ýyllarda oba ilatyna tebipçilik kömegini bermek üçin "saglygy goraýyş korpuslary, oba hojalygyny alyp barmagyň häzirki zaman usulyýetçiligini özleşdirmek we obalary abadanlaşdyrmak üçin "obadanlaşdyryş we ösüş korpuslary, oba ýerlerini jemgyýetçilik kazyýet guramalaryny ornaşdyrmak üçin "adalat öýleri" döredilipdir. Ýurdyň suw baýlyklary we ş.mler meýilleşdirilipdir.

Asryň ahyryna çenli ýurdy 5-nji senagatly döwlete öwürmek şygyry astynda şa senagaty ösdürmeklige aýratyn köp ýýkgyn edilipdir. Bu

meseläni çözmeklige ýurdyň ýyl-ýyldan artýan nebit girdeýjileri mümkinçilik beripdir. 1972-1977-nji ýyllaryň aralgynda Eýranyň nebitden gelen girdeýjisi 90 mln. mlrd. dollara ýetipdir.

60-nji ýyllaryň ahyrynda diňe bir ýeňil senagatyň häzirki zaman kärhalary däl, eýsem senagatyň bütinleý täze tutuş pudaklary döräpdir. Onda maşyn gurluşyk, awtomabil, alýuminiý, nefehimiýa, metallurgiýa ýaly pudaklar peýda bolupdyr. Eýran agrar ýurtdan agrar senagat ýurdyna öwrülip ugrapdyr. 300-e golaý täze elektrik stansiýalary işe girizilipdir. 1970-nji ýylda ýurdyň jemi önümi 1960-nji ýyl bilen deňeşdirilende 4 esseden hem ýokary bolup 15 mlr. Dollara ýetipdir.

Şeýlekikde özgertmeler ýurdyň durmuş ykdysady taýdan yza galaklygyny ýenip geçmekden uly ädim ätmäge kömek edipdir. Emma olaryň bir topar şowsyz kemter taraplary hem bolupdyr. Eýranyň ykdysadyýeti 70-nji ýyllarda çalt depginler bilen ösen hem bolsa, bu ösüş sazlaşykly we bir sydyrgyn bolmandyr, käbir pudaklar çalt ösen bolsa, başga bir birnäçe pudaklarda durgunlyk duýulypdyr. Hojalygyň ähli derejelerinde alan-aldylyk, eden-etdilik, parahorlyk (korrupsiýa) höküm sürüpdir.

Ýurdyň syýasy durmuşynda şanyň şähsy häkimýeti güýçlenipdir. 1975-nji ýylda koppartiýalyk ulgamyny bir partiýalyk bilen çalşyryp, şa eýran jemgyýetini pehlewiler Hamedanyny töwregine jebisleşdirmek makdasy bilen Rastahiz (galkynyş) partiýasyny döretdi.

Şeýle hem şa 70-nji ýyllaryň ortalarynda aç-açan hereket eden ýeketäk oppezision güýç bolan şiga ruhanylarynyň hereketine kem baha garapdyr.

60-nji ýyllarda Eýran ruhanylarynyň özgertmelere garşy çykyş eden toparlaryna aýatalla Homeýni (1900-1989) ýolbaşçylyk edipdir. Ol ýer eýeçiliginiň üýtgedip guralmagy (reforma) we beýleki komanlar Kuranyň görkezmeleine we musulman ahlak kadalaryna ters gelýär diýip wagyz ýöredipdir we aýallara erkekler bilen deň hukuklaryň berilmegine garşy çykypdyr. Bu çykyşlar syga toparlarynyň beýleki abraýly wekilleri Behbehani, Şahirad-Madari, Talegani tarapyndan hem gollanylypdyr.

Şyga ruhanylary diňe wagyz-nesihatlar bilen hem çäklenmän hökümete garşy açyk çykyşlar hem gurapdyrlar. Köp ruhany wekilleri, şol sonda Homeýni ýurtdan çykarylyp kowylypdyrlar, emma ruhanylar daşary ýurt, emigrasiýasynda hem şa garşy göreşi dowam edipdirler.

Homeýni emigrasiýada bolan wagtynda hem şa garşy wagyz nesihatlaryny we çagyryşlaryny bes etmändir. Aýatollanyp köp sanly çagyryşlary we eagyz-nesihatlary onuň tarapdarlarynyň üsti bilen Ỳewropanyň dürli welaýatlarynda ýaýradylypdyr. Onuň öňe süren esasy talaplary: şa düzgünini ýok etmek, baýlary bilen garyplaryň arasyndaky uçurymy ýeňip geçirmek, daşary ýurt birinji nobatda amerikan kapitalyny ýurtdan kowup çykarmak, Eýrana ýat bolan

günbataryň täsiriniň aradan aýyrmak halk köpçüligi üçin düşnikli bolupdyr.

1975-nji ýylda ýurtda emele gelen dartgynlygy gowşatmak üçin şa täze özgertmeleriň toplumyny geçirmegi karar edipdir. Emma bu çäreler ýagdaýy has beter çylşyrymlaşdyrypdyr. Mysal üçin gymmatçylyga garşy göreş bahanasy bilen Gündogar durmuşynyň iň gozgalaňly ýeri bolan “bazara” garşy hüjüme geçipdirler. Şeýlelik bilen “bazar” bilen baglanşykly ilatyň uly toparyny emele getirýän orta gatlagyň wekilleri şyga ruhanylary bilen birleşip ýetip gelýän ynkylabyň esasy hereketlendiriji güýjini düzüpdirler.

1978-1979-njy ýyllaryň yslam ynkylaby 1978-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynda Kum şäherinde bolup geçen hökümete garşy demonstrasiýanyň oka tutulmagy ynkylabyň başlangyjynyň yşaraty boldy. Soňra Eýranyň birnäçe şäherlerinde goşunyň źandarmeriýanyň SAWAK-yň güýçleri bilen bolup geçen çaknyşyklarda onlarça müň adam heläk boldy. Emma halkyň çykyşy täze güýç bilen ýokary galdy. 1978-nji ýylyň ahyrynda şanyň harby hökümeti milli frontyň ýolbaşçylarynyň biri S.Bahtiýaryň liberal hökümeti bilen çalşyryp ýagdaýy kadalaşdyrmaga eden synanşygy şowsuz gutarýar. Homeýni halky boýun egmezlige çagyrýar.

1979-njy ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 16-da şah ýurtdan çykyp gidenden soň ýurtda iki häkimiýetlik emele geldi. Bahtiýar goşunyň goldawyna bil baglap,meýletin iş başyndan gitmekden ýuz öwürdi.

Baýdak aýynyň 1-de köp ýyllyk emigrasiýadan dolanyp gelen Homeýni ýurduň hemme ýerlerinde döredilen “Yslam rewolýusion komitetlerine” daýanmak bilen wagtlaýyn hökümetiň başlyklygyna milli frontyň görnükli wekilleriniň biri M.Bazargany belleýändigini yglan edýär.

1979-njy ýylyň Baýdak aýynyň 9-10-da Tähranda ýaragly gozgalaň başlaýar.

Soňra bu gozgalaň ýurduň başga şäherlerine hem ýaýraýar. Baýdak aýynyň 11-de Ỳokary harby maslahat özüniň bitaraplygyny bildirýär we goşuna öz kazamalaryna gelmegi buýruk berýär. Şondan soň Bahtiýar ýurdy tekr edýär. Şonuň tarapdarlarynyň garşylygy Baýdak aýynyň 12-de doly basylyp, ýatyrylýar.

Şeýlelikde özgertmeleriň gidişindäki şowsuzlyklar we ýalňyşlyklar “yslam ynkylabynyň” ýeňmegine sebäp bolýar.

“Yslam ynkylaby” özüniň hereketlendiriji güýji we saýlap alan usuly boýunça halk hereketidir: ol ilkinji nobatda monarhiýa we imperializme garşy gönükdirilendir: häsiýet boýunça burźuaz ynkylapdyr; maksady boýunça yslam ynkylabyndandyr.

Şyga ruhanylary häkimiýeti ellerine alandan soň ýurtda döredilen rewolýusion özüne daýanç edindiler. Ynkylabyň gidişinde döredilen yslam komitetleri täze reźimiň guramaçylyk esasyny düzdiler, rewolýusion kazyýetler yslam rewolýusion tribunallaryna öwürdiler, ýaragly güýçleriň esasyny bolsa “yslam rewolýusion”

goragçylar korpusy emele getirdi. Edaralarda we kärhanalarda döredilen öz-özüňi dolandyryş guramalary bolsa “yslam komitetlerine” öwrüldiler.

1979-njy ýylyň Gurbansoltan aýynyň 1-de Eýran Yslam respublikasy diýilip yglan edildi. Özüniň daşary syýasatynda Eýran Gündogaram däl, Günbataram Yslam diýen şygyryň astynda alyp bardy. Ol, SENTO harby birleşiginden çykdy. Amerika we beýleki Günbatar ýurtlar bilen şertnamalary ýatyrdy. MNK bilen ylalaşyklar ýatyryldy, köpsanly daşary ýurt banklary we kompaniýalary ýapyldy.

1979-njy ýylyň Sanjar aýynda Amerikanyň ilçihanasy basylyp alyndy. 1979-njy ýylyň Bitaraplyk aýynda referendum netijesinde SSSR-iň konstitusiýasynda kabul edildi.

Konstitusiýa laýyklykda ýurtda dolandyryşyň yslam kadalary girizilýär. Dünýäde ähli häkimiýet Allanyňky diýilip tassyklanýar. Döwletiň başynda rahbar (ýolbaşçy) durýar. Ruhbar üç häkimiýetiň başynda durmak bilen giň ygtyýarlardan peýdalanýar, şol sanda ähli  halk tarapyndan saýlanan prezident wezipesinden aýyrmak hukugyndan hem peýdalanýar. Parlamentiň üstünden gözegçilik etmek üçin 12 adamdan ybarat Synçylar maslahaty döredilýär, olaryň ýaryny rahbar belleýär. Maslahat mejlis tarapyndan kabul edilýän kanunlaryň yslam kadalaryna we konstitusiýa laýyk gelmegini barlaýar. Ondan başgada Homeýni uruş yglan etmäge, ýaraşyk şertnamasyny

baglaşmaga mobilizasiýa geçirmäge hukuk alýar. Ol ýaragly güýçleriň ýokary serkerde başysy hem boldy.

Eýranda dini (teokratik) häkimiýet bilen bir hatarda häkimiýetiň respublikan guramalary hem döredildi (prezident, hökümet, mejlis).

Yslam respublikan partiýasy hakykat ýüzünde ýurtda dolandyryjy partiýa öwrüldi. 1979-njy ýylyň ahyrynda Bazarganyň hökümet başlyklygyndan boşadylmagy. 1981-nji ýylyň tomsunda Banisadryň prezidentlikden gitmegi bilen yslamçylar (IPL) ilki liberallary, soňra bolsa söwda senagat toparlarynyň wekillerini häkimiýetden çetleşdirildi, ondan soňra bolsa çepçileriň üstüne hüjüme geçdiler.

Eýran yslam respublikasy üçin iň kyn döwür sekiz ýyl dowam eden Eýran Yrak urşunyň döwri boldy. Ol uruş Tegerana, BMG-nyň hünärmentleriniň maglumatyna görä 102-103 mlr dollara düşüpdir.

1988-nji ýylyň Alp Arslan aýynda Yrak bilen urşuň gutaran pursatyna Eýranyň ýolbaşçy toparlarynyň arasynda ýurduň gelejekki ýoluny kesgitlemekde iki topar ýüze çykdy. Olaryň pragmatikler we ortadokslar.

## Tema: 1978-1979-njy ýyllaryň rewolýusiýasy we Eýran Yslam respublikasynyň jar edilmegi.

Ýurduň syýasy durmuşynda şanyň şahsy häkimiýeti güýçlenipdir. 1975-nji ýylda köppartiýallyk

ulgamyny birpartiýalylyk bilen çalşyryp, şa eýran jemgyýetini Pehlewiler hamedanynyň töweregine jebisleşdirmek maksady bilen Rostahiz (Galkynyş) partiýasyny döretdi.

Şeýle hem şa 70-nji ýyllaryň ortalarynda aç-açan hereket eden ýeke-täk oppasion güýç bolan Şiga ruhanylarynyň hereketine kem baha garapdyr.

60-njy ýyllarda Miran ruhanylarynyň özgertmelere garşy çykyş eden toparlaryna ayatollah Homeýni (1900-1989 ýý) ýolbaşçylyk edipdir. Ol ýer eýeçiligini üýtgedip guramagy (reforma) we beýleki kanunlar kuranyň görkezmelerine we musulman ahlak kadalaryna ters gelýän diýip wagyz ýöredilipdir we aýallara erkekler bilen deň hukuklaryň berilmegine garşy çykypdyr. Bu çykyşlar Syga toparlarynyň beýleki abraýly wekilleri Behbekäni, Şariat-Madari, Talegani tarapyndan hem goldanylypdyr. Şyga ruhanylary diňe wagyz nesihatlar bilen hem çäklenmän, hökümete garşy açyk çykyşlar hem gurapdyrlar. Köp ruhany wekilleri, şol sanda Homeýni ýurtdan çykarylyp kowulypdyrlar, emma ruhanylar daşary yurt emigrasiýasynda hem şa garşy göreşi dowam edipdirler.

Homeýni emigrasiýada bolan wagtynda hem şa garşy wagyz nesihatlaryny we çagyryşlaryny bes etmändir. Aýatollanyň köp sanly çagyryşlary we wagyz-nesihatlary onuň tarapdarlarynyň üsti bilen Eýranyň dürli welaýatlarynda ýaýradylypdyr. Onuň öňe süren esasy talaplary: şa düzgünini ýok etmek, baýlar

bilen garyplaryň arasyndaky uçurymy ýeňip geçmek daşary yurt, birinji nobatda Amerikan kapitallaryny ýurtdan kowup çykarmak, Eýranda ýat bolan günbataryň täsirini aradan aýyrmak halk köpçüligi üçin düşnikli bolupdyr. 1975-nji ýylda ýurtda emele gelen dartgynlylygy gowşatmak üçin şa täze özgertmeleriň toplumyny geçirmegi karar edipdir. Emma bu çäreler ýagdaýy has beter çylşyrymlaşdyrypdyr. Mysal üçin gymmatçylyga garşy göreş bahanasy bilen Gündogar durmuşynyň iň gyzgalaňly ýeri bolan “bazara” garşy hüjüme geçipdirler. Şeýlelik bilen “bazar” bilen baglanyşykly ilatyň uly toparynyň emele getirýän “orta” gatlagyň wekilleri Şyga ruhanylary bilen birleşip, ýetip gelýän rewolýusiýanyň esasy hereketlendiriji güýjüni düzüpdirler.

1978-1979-nji ýyllaryň yslam rewolýusiýasy 1978-nji ýylyň ýanwar aýynyň Kum şäherinde bolup geçen hökümete garşy demonstrasiýanyň oka tutulmagy rewolýusiýanyň başlangyjynyň yşaraty boldy. Soňra Eýranyň bir näçe şäherlerinde goşunyň žandarmeriýanyň SAWAK-yň güýçleri bilen bolup geçen çaknyşyklarda onlarça müň adam heläk boldy. Emma halkyň çykyşy täze güýç bilen ýokary galdy. 1979-njy ýylyň ahyrynda şanyň harby hökümeti milli frontuň ýolbaşçylarynyň biri Ş. Bahtyýaryň liberal hökümeti bilen çalşyryp, ýagdaýy kadalaşdyrmaga eden synanşygy şowsuz gutarýar. Homeýni halky egmezlige çagyrýar.

1979-njy ýylyň ýanwar aýynyň 16-na şah ýurtdan çykyp gidenden soň ýurtda iki häkimiýetlik emele geldi. Bahtiýar goşunyň goldawyna bil baglap, meýletin iş başyndan gitmekden ýüz öwürdi. Fewral aýynyň 1-nde köp ýyllyk emigrasiýadan dolanyp gelen Homeýni ýurduň hemme ýerlerinde döredilen "Yslam rewolýusion komitetlerine" daýanmak bilen wagtlaýyn hökümetiň başlygyna milli frontuň görnükli wekilleriniň biri M. Bazargany belleýändigini yglan edýär.

1979-njy ýylyň fewral aýynyň 9-10-na Tähranda ýaragly gozgalaň başlaýar. Soňra bu gozgalaň ýurduň başga şäherlerine hem ýaýraýar. Fewral aýynyň 11-nde Ýokary harby maslahat özüniň bitaraplygyny bildirýär we goşunda öz kazarmalaryna gelmegi buýruk berýär. Şondan soň Bahtiýar ýurdy terk edýär. Şanyň tarapdarlarynyň garşylygy fewral aýynyň 12-ne doly basylyp ýatyrylýar. Şeýlelikde, özgertmeleriň gidişindäki şowsuzlyklar we ýalňyşlyklar "Yslam rewolýusiýasynyň" ýeňmegine sebäp bolýar.

"Yslam rewolýusiýasy" özüniň hereketlendiriji güýji we saýlap alan usuly boýunça halk hereketidir; ol ilkinji nobatda monarhiýa we imperializme garşy gönükdirilendir; häsiýeti boýunça buržuaz rewolýusiýasydyr; maksady boýunça yslam rewolýusiýasydyr.

Şyga ruhanylary häkimiýeti ellerine alandan soň, ýurtda döredilen rewolýusion guramalary özüne daýanç edindiler, rewolýusiýanyň gidişinde döredilen yslam

komitetleri täze režimiň guramaçylyk esasyny düzdiler, rewolýusion kazyýetler yslam rewolýusion tribunallaryna öwrüldiler, ýaragly güýçleriň esasyny bolsa “Yslam rewolýusion goragçylar korpusy” emele getirdi. Edaralarda we kärhanalarda döredilen öz-özüňi dolandyryş guramalary bolsa “yslam komitetlerine” öwrüldiler.

1979-njy ýylyň aprel aýynyň 1-nde Eýran Yslam respublikasy diýlip yglan edildi. Özüniň daşary syýasatynda Eýran “Gündogaram däl, Günbataram, Yslam” diýen şygaryň astynda alyp bardy. Ol SENTO harby birleşginden çykdy. Amerika we beýleki Günbatar ýurtlar bilen kontraktlary ýatyrdy. MNK bilen ylalaşyklar ýatyryldy, köp sanly daşary ýurt banklary we kompaniýalary ýapyldy. 1979-njy ýylyň noýabr aýynda Amerikanyň ilçihanasy basylyp alyndy.

1979-njy ýylyň dekabr aýynda referendum netijesinde EYR-niň konstitusiýasy kabul edildi.

Konstitusiýa laýyklykda ýurtda dolandyryşyň yslam kadalary girizilýär. Dünýäde ähli häkimiýet Allanyňky diýilip tassyklanýar. Döwletiň başynda rahbar (ýolbaşçy) durýar. Rahbar (ýolbaşçy) durýar. Rahbar üç häkimiýetiň başynda durmak bilen giň ygtyýarlyklardan peýdalanýar, şol sanda äshli halk tarapyndan saýlanan Prezidenti wezipesinden aýyrmak hukugyndan hem peýdalanýar. Parlamentiň üstünden gözegçilik etmek üçin 12 adamdan ybarat Synçylar maslahaty döredilýär. Olaryň ýaryny rahbar belleýär. Maslahat, mejlis tarapyndan kabul edilýän kanunlaryň

yslam kadalaryna we konstitusiýa laýk gelmegini barlaýar. Ondan başga-da, Homeýni uruş yglan etmäge, ýaraşyk şertnamasyny baglaşmaga, mobilizasiýa geçirmäge hukuk alýar. Ol ýaragly güýçleriň ýokary serkerdebaşysy hem boldy.

Eýranda dini (teokratik) häkimiýet bilen hatarda häkimiýetiň respublikada guramalary döredildi. (Prezident, hökümet, mejlis)

Yslam respublikan partiýasy hakykat ýüzünde ýurtda dolandyryjy partiýa öwrüldi. 1979-njy ýylyň ahyrynda Bazarganyň hökümet başlyklygyndan boşadylmagy, 1981-nji tomsunda Banisadryň prezidentlikden gitmegi bilen yslamçylar ilki liberallary, soňra bolsa söwda-senagat toparlarynyň wekillerini häkimiýetden çetleşdirdiler, ondan soňra bolsa çepçileriň üstüne hüjüme geçdiler.

Eýran Yslam respublikasy üçin iň kyn döwür sekiz ýyl dowam eden Eýran-Yrak urşunyň döwri boldy. Ol uruş Tegerana, BMG-niň hünärmentleriniň maglumatlaryna görä, 102-103 mlrd dollara düşüpdir.

1988-nji ýylyň awgust aýynda Yrak bilen urşuň gutaran pursatyna Eýranyň ýolbaşçy toparlarynyň arasynda ýurduň geljekki ýoluny kesgitlemekde iki topar ýüze çykdy. Olar: pragmatikler we ortodokslar.

Ykdysady babatda şa we onuň maslahatçylary ýurtda "açyk gapylar" syýasatyny jar edýärler. 1956-njy ýylda ýyl-ýyldan artýan nebit girdejilerine daýanyp, ýurduň ykdysadyýetini ösdürmek we infrastrukturasyny kämilleşdirmek boýunça täze ýedi ýyllyk meýilnama

kabul edilýär. Emma Eýran jemgyýetiniň umumy yza galak ýagdaýynda bu meýilnamany durmuşa geçirmek mümkin däldi. Şol wagtlar Eýran gowşak ösen senagatly yza galak oba hojalyk ýurdy ýagdaýynda galýardy. Ekin ekilýän ýerleriň 90% ilatynyň 1% tutýan baý gatlagyň şa maşgalasynyň, pomeşikleriň, taýpa aksakallarynyň, ruhanylaryň baý gatlagynyň eýeçiliginde durýardy. Häzirki zaman zawod-fabrik işgärleriniň sany ujypsyzdyr. Ýurduň 18,3 mln ilatynyň diňe 3 mln-y şäherlerde ýaşaýardy, şäher ilatynyň 20 %-ni hünärmentler tutýardy.

50-60-njy ýyllarda Eýran agyr kynçylyklary başdan geçirýärdi. Ýurtda emele gelen maliýa kynçylyklary oba hojalygynyň, senagatyň, söwdanyň göçgünligi we umumy durmuş-ykdysady näsazlyk bilen aýrylmaz baglydy.

Ýurduň ilatynyň esasy köpçüligini düzýän daýhanlaryň, şäher garyplarynyň gedaýlaşmagy, işsizlik, hünärmentleriň, ownuk söwdagärleriň buržuaz toparlaryň arasynda bonkratçylygyň artmagy umumy içerki ýagdaýyň dartgynlaşmagyna alyp barýardy. Eýran hökümetiniň bir taraplaýyn Günbatar ýurtlar bilen gatnaşyklara ýykgyn etmegi hem ýurtda uly närazyçylyk döredilýärdi.

Şunuň bilen bir wagtda şahyň şahsy häkimiýetiniň güýçlenmegi dowam edýäerdi. 1975-nji ýylda şah Eýran jemgyýetini Pehlewi hanedanynyň töwereginde jebisleşdirmek maksady bilen, ýurtda

köppartiýalylyk düzgünini ýatyryp, bir partiýa Rastahiz (Galkynyş) partiýasyny döretdi.

Şol ýyllaryň dowamynda birnäçe açyk çykyşlar boldy we gozgalaňçylar Eýranyň SENKO-dan çykmagy, erkin saýlawlar ýaly, syýasy talaplary öňe sürdüler.

1960-1961-nji ýyllarda şah gödek galplaşdyrmalar zerarly iki gezek parlamentde bolan saýlawlaryň netijesini ýatyrmaga mejbur boldy we özgertmeleri durmuşa geçirmäge girişdi.

## Tema: Eýran Yslam respublikasy bilen Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistan döwletiniň arasynda deňhukukly we özara bähbitli söwda-ykdysady, syýasy we medeni gatnaşyklarynyň ýola goýulmagy.

Türkmen we Eýran halklarynyň özara gatnaşyklarynyň baý taryhy, öz gözbaşyny müňýyllyklaryň jümmüşinden alyp gaýdýar.

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň jar edilmegi bilen Eýran ilkinjileriň hatarynda ony ykrar etdi we onuň bilen diplomatik-syýasy, ykdysady-medeni gatnaşyklary ýola goýmaga girişdi.

Asyrlaryň synagyndan geçen dostluk medeni, dini we ruhy däpleriniň umumylygy bilen bagly bolan iki doganlyk halkyň uly baýlygyna öwrüldi, ikitaraplaýyn, şeýle hem köptaraplaýyn esasda ozaly bilen iri halkara guramalarynyň, şol sanda Birleşen

Milletler Guramasynyň, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (EKO) we beýlekileriň çäklerinde üstünlikli ösdürilýän netijeli döwletara gatnaşyklary üçin möhüm itergi boldy.

Özbaşdak Türkmenistan bilen Eýran Yslam respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýlan ýyllarynda, döwletara, hökümetara we pudagara derejesinde gol çekilen ikitaraplaýyn resminamalaryň toplumyny öz içine alýan halkara-hukuk binýady döredildi.

Iki ýurduň syýasy we ykdysady özara gatnaşyklarynyň okgunly ösmegi üçin kadalaşdyryjy hukuk esasyny düzen şertnamalara we ylalaşyklara diplomatik missiýalar açyldy we tutuş sebitiň ösmegi üçin uly ähmiýete eýe bolan bilelikdäki möhüm taslamalaryň onlarçasy amala aşyryldy.

Olaryň arasyndaky "Döwletabat-Sarahs-Hangeran" gaz geçirijisiniň gurluşygynyň üstünlikli amala aşyrylan taslamasy bar. Bu desga türkmen tebigy gazynyň goňşy Eýrana iberilýän möçberini ep-esli artdyrmaga mümkinçilik berdi. Strategik gaz ulgamynda iki ýurduň gatnaşyklaryny has-da berkidýän täze gaz magistralynyň möhümdigini nazara almak bilen, bu möhüm desgany ulanmaga bermek bilen baglanşykly dabaraly çärelere iki ýurduň Prezidentleriniň gatnaşmaklarynda geçirildi.

Söwda-ykdysady gatnaşyklaryň giňeldilmegi döwletara hyzmatdaşlygynyň esasy görkezijisi hökmünde çykyş edýär. Iki goňşy ýurduň arasynda

daşary söwda dolanşygynyň gyşarnyksyz ýokarlanmagy munuň aýdyň subutnamasy bolup durýar. Soňky statistiki maglumatlara, geçen ýylyň on bir aýynda ol ABŞ-nyň 2 mlrd 955 mln 925 müň dollaryna golaý boldy. Bu görkeziji 2008-nji ýyl bilen (degişli döwri) deňeşdirilende, 155 mln 925 müň dollary möçberinde köpdür. Bilelikde açylýan kärhanalar däbe öwrülen ýöriteleşdirilen harytlaryň sergisi, şeýle hem söwda-ykdysady gatnaşyklary kadalaşdyrmagyň has netijeli mehanizmini işläp taýýarlamak maksady bilen Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy boýunça döredilen ykdysady hyzmatdaşlyk hökümetara toparyň işleri işewür hyzmatdaşlygyň berkemegine ýardam edýär.

Taraplaryň ikisi hem gumanitar hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine uly ähmiýet berýärler. Mysal üçin, eýranly alymlar Türkmenistanda geçirilýän halkara ylmy maslahatlara işjeň gatnaşýarlar. Ýurtlaryň ikisinde hem medeniýet günleri we amaly-haşam sungatynyň sergileri yzygiderli geçirilýär, bilelikdäki beýleki medeni çäreler guralýar.

Ýokary we hökümetara derejesinde geçirilen duşuşyklar we gepleşikler Türkmenistan bilen Eýranyň arasyndaky hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin ägirt uly potensiala we mümkinçiliklere eýedigini görkezdi. Esasy ugurlar, ilkinji nobatda söwda, ýangyç, energetika toplumy, ulag ýaly ugurlarda emele gelen oňun depgin muny tassyklaýar.

2010-njy ýylyň 5-nji ýanwarynda “Döwletabat-Sarahs-Hangeran” gaz geçirijisiniň ulanylmaga berilmegi mynasybetli geçirilen dabaraly çärelere gatnaşmak üçin Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň çagyrmagy boýunça Eýran Yslam respublikasynyň Prezidenti Mahmud Ahmedinežad iş sapary bilen Aşgabada geldi we dabaralara gatnaşdy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Mahmud Ahmedinežad bilen doganlarça görüşip, Aşgabada resmi sapar bilen gelip görmäge çakylygy kabul edendigi, iki doganlyk halkyň bozulmaz dostlugynyň we özara peýdaly hyzmatdaşlygynyň ýene-de bir aýdyň nyşanyna öwrüljek “Döwletabat-Sarahs-Hangeran” gaz geçirjisiniň açylyşyna gatnaşýandygy üçin döwlet baştutany belent mertebeli myhmana minnetdarlyk bildirdi.

Türkmenistanyň Prezidenti iki döwletiň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklaryň we özara bähbitli uly möçberli taslamalaryň amala aşyrylmagy türkmen-eýran hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlaryny aýtdy. Köpsanly desgalaryň bilelikde gurulandygyny we işe girizilendigini, şeýle desgalaryň sanynyň artýandygyny nygtamak bilen, Hormatly Prezidentimiz Tejen-Sarahs-Maşat demir ýoly, Körpeje-Gurtguýy gaz geçirijisi, “Dostluk” suw howdany, şeýle hem beýleki bilelikde gurlan birnäçe senagat binalary hem-de desgalary biziň halklarymyzyň

we tutuş sebitiň ýurtlarynyň bähbitlerine hyzmat edýär. Häzirki döwürde Türkmenistanda Eýran tarapynyň gatnaşmagynda kärhanalarynyň 144-siniň hasaba alnandygyny Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow belläp geçdi.

Prezidentler iki ýurduň elektrik energiýasyny ibermek babatda özara peýdaly hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmaga möhüm ähmiýet berýärler. Şunuň bilen baglanşyklylykda, döwlet baştutanlary iki ýurduň degişli edaralaryna täze Mary-Sarahs-Maşat elektrik geçiriji ulgamy guramak baradaky meseläniň üstünde işlemegi dowam etdirmegi tabşyrdylar.

Prezidentler Tejen (Gerirud) derýasynda suwdan bilelikde peýdalanmak babatda tagallalary utgaşdyrmagyň iki döwletiň halklarynyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga hyzmat edýändigi bilen ylalaşdylar. Şunuň bilen baglanşyklylykda ähli meseleleri iş ýüzünde çalt çözmegiň zerurdygyny ykrar etdiler.

Taraplar Gazagystan-Türkmenistan-Eýran demir ýolunyň gurluşygynyň taslamasyny durmuşa geçirmäge Eýranyň gatnaşmagyndan hoşaldygyny bildirdiler. Eýran Yslam respublikasynyň Türkmenistandaky öňki adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçisi Muhammet Forgani 2009-njy ýylyň 11-nji dekabrynda hoşlaşyk beýanatynda aýdyşy ýaly, Jenap Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyçlary esasynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 63-nji sessiýasynda “Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr

geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmady” atly rezolýusiýasynyň kabul edilmegi, Gazagystan-Türkmenistan-Eýran (Demirgazyk-Günorta) demir ýolunyň gurulmagy, şeýle-de Türkmenistandan Eýran Yslam respublikasyna ikinji gaz geçirijisiniň çekilmegi Türkmenistanyň sebitde we halkara arenasynda parahatçylyk söýüji, strategik ugrunyň dowam edýändigine güwä geçýär. Ýyllyk kuwwaty 12 mlrd kubmetr bolan bu gaz geçirijisiniň ähmiýeti örän uludyr. Türkmenistan bilen Eýran Yslam respublikasynyň Prezidentleriniň arasynda dostlukly gepleşikler soňra 2010-njy ýylyň 22-nji martynda Tähran şäherinde dowam etdirildi.

# Edebiýat


1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. - Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. - Aşgabat, 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Halkyň saýlany we ynam bildireni. - Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.
9. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.

10. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
11. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-ji goýberiliş. - Aşgabat, 2008.
12. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
13. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.
14. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. Aşgabat. 2009.
15. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. – Aşgabat. 2009.
16. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. – 2-nji göýberiliş, Aşgabat, 2009.
17. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji maslahatynda eden Çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). – Aşgabat, 2009.

18. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-nji ýanwary). // Türkmenistan. 2009. 22-nji ýanwar.
19. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 15-nji fewraly). – Aşgabat, 2009.
20. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 18-nji fewraly). // Türkmenistan. 2009. 19-njy fewral.
21. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulular maslahatynda Şözlän sözi (Türkmenabat, 2009-njy ýylyň 6-njy marty). // Türkmenistan. 2009. 9-njy mart.
22. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň EKO-nyň ýokary derejedäki 10-njy ýubileý duşuşygynda eden Çykyşy (Tähran, 2009-njy ýylyň 11-nji marty). // Adalat. 2009. 13-nji mart.
23. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GDA ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisindäki Çykyşy

(Aşgabat, 2009-njy ýylyň 10-njy apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 17-nji aprel.
24. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly ýokary derejedäki Halkara maslahatynda Sözlän sözi. (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 23-nji apreli). // Türkmenistan. 2009. 24-nji aprel.
25. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aral kölüni halas etmegiň halkara gaznasyna esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitinde Sözlän sözi. (Almaty. 2009-njy ýylyň 28-nji apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 8-nji maý.
26. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
27. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagynda ilkinji desgalaryň açylyş dabarasynda eden çykyşy. (2009-njy ýylyň 15-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.

28. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynyň mejlisinde eden Çykyşy (2008-nji ýylyň 16-njy sentýabry). – Aşgabat, 2008.
29. Turkmenistanyň hemişelik bitaraplygy. Syýasy – hukuk dokumentleriniň ÿygyndysy. - Aşgabat, 2005.
30. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.
31. Türkmenistanyñ Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow “Türkmenistanyñ ykdysady strategiýasy. Halka daýanyp, halkyñ hatyrasyna”. // Türkmenistan. 2010. 10-njy maý.
32. Türkmenistanyń Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyń Türkmenistanyń Ỳaşulularynyń maslahatynyń mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2010-njy ỳylyń 14-nji maỳy). // Türkmenistan. 2010. 15-nji maỳ.
33. История Ирана с древних времен до конца XVIII в. ЛГУ, 1958.
34. Хрестоматия по истории Древнего Востока. М., 1980.
35. Геродот. История греко-персидских войн. Л., 1972.
36. Дандамаев М.А., Луконин В.Г. Культура и экономика Древнего Ирана. М., 1980.
37. Дьяконов И.М. Очерки истории Древнего Ирана. М., 1979.

38. История стран Азии и Африки.(Ч. 1-2). М., 1987.
39. Иванов М.С. Очерк истории Ирана. М., 1962.
40. История Ирана. М., 1977.
41. Гафуров Б.Г. История таджиксого народа Т-1. Сталинабад. М.1952.
42. Заходер Б.Н. Хорасан и образование государства Сельджукидов. Журн. Вопросы истории. 1945. № 5-6.
43. Иран: История и культура в средние века и новое время. М. 1980.
44. Историография стран Востока: проблемы феодализма. М. 1977.
45. Пигулевская Н.В. Города Ирана в раннем средневековье. М. 1956.
46. Хрестоматия по истории средних веков. М. 1963.
47. Антонова К.А. Очерки истории общественных отношений и политического строя могольской Индии времен Акбара (1856-1605) М., 1952.
48. Петрушевский И.Т. Государства Азербайджана в XV в. Баку. 1949.
49. Эфендиев О.А. Азербайджанское государство Сефевидов. Баку, 1980.
50. Бертельс Е.А. Очерк истории персидской литературы. Л. 1923.
51. Демин И.А. Современная иранская деревня. М. 1977.

52. Алиев С.М. Нефть и общественно-политическое развитие Ирана в XX в.М. 1985.
53. Иран: Проблемы экономического и социального развития в 60-70 гг. М. 1980.
54. Истории Ирана .М., 1977.
55. Истории Ирана с древнейших времен до конца XVIII в. ЛГУ, 1958.
56. Хрестоматия по истории средних веков в 2-т. М., 1961-1963
57. Садрад-дин Али ал – Хусейини, Ахраб ас-Сальджукийа .М., 1980.
58. Материалы по истории туркмен и Туркмении .М.-Л., 1939. Т-1.
59. Дорошенко Е.А. Шиитское духовенство в современном Иране – М. 1975.
60. Иран. Проблема экономического и социального развития в 60-70-е гг. М. 1980.
61. Кузнецова Н.А. Иран в первой половине XIX века. М. 1983.
62. Иванов М.С. Очерк истории Ирана. М. 1962.
63. Иванов М.С. Иранская ревалюция 1905-1911 гг. М. 1957.
64. Историография стран Востока. М. 1978.

## Mazmuny

Giriş……………………………………………..7-10
Gadymy Eýran Jahan taryhynda onuň orny we ähmiýeti…………………………..……………10-17
Ahemeniler döwleti……..…………………………..17-20
Dariỳ I-niń özgertmeleri…………...……………..……20-16
Eýran sasanylar döwründe..................................26-31
Eýran VIII-XII asyrlarda……………..………..…32-37
Eýran XIII – XV asyrlarda………..…………….…37-43
Eýran XVI-XVII asyrlarda……………………..…..43-47
Abbas I özgertmeleri...........................................47-51
Eýran XVIII asyryň ahyrynda we XIX asyryň birinji ýarymynda.......................................................51-58
Hyrat meselesi. Babylaryň hereketi.....................58-62
Eýranyň ýarym kaloniýa ýurduna öwrülmegi we 1905-1911-nji ýyllaryň halk hereketi.......62-69
Eýran XX asyryň 20-30-njy ýyllarynda.................70-77
II Jahan urşundan soň Eýranda milli azatlyk we demokratik hereketiň ýokary göterilmegi...77-81
Eýranyň nebit baýlyklaryny millileşdirmek ugrundaky göreş..........................................81-86
60-njy ýyllaryň agrar özgertmeleri. (Ak ynkylap)...........................................................86-93
1978-1979-njy ýyllaryň rewolýusiýasy we Eýran Yslam respublikasynyň jar edilmegi............93-100

Eýran Yslam respublikasy bilen Garaşsyz, Baky
Bitarap Türkmenistan döwletiniň arasynda deňhukukly
we özara bähbitli söwda-ykdysady, syýasy we medeni
gatnaşyklarynyň ýola goýulmagy.......................100-105
Edebiýat.....................................................106-112